TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRI DÜNÝÄ DÖWLETLERI, ILKINJI NOBATDA, ÝAKYN GOŇŞULAR BILEN BIREK-BIREGE HORMAT GOÝMAGA ESASLANÝAN GATNAŞYKLARY ÖSDÜRMEKDEN YBARATDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
17-nji iýun, 2022. Belgisi 24/1486



# TÜRKMEN–EÝRAN GATNAŞYKLARY TÄZE DEREJÄ ÇYKÝAR

**14-15-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynda resmi sapar bilen boldy we goňşy döwletiň ýolbaşçy düzümleri bilen ýokary derejedäki gepleşikler geçirildi.**

«Saadabad» toplumynyň «Jumhuri» Köşgüniň öňündäki meýdançada belent mertebeli myhmany resmi garşylamak dabarasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Prezident Seýed Ebrahim Raisi birek-birek bilen doganlarça görüşdiler.

Dabaradan soňra iki ýurduň Liderleriniň ikiçäk görnüşdäki duşuşygy boldy. Prezident Seýed Ebrahim Raisi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Eýran Yslam Respublikasyna gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi hem-de belent mertebeli türkmen myhmanyny Tähranda görýändigine şatdygyny nygtady. Eýranyň halky dostlukly türkmen halkynyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanan üstünliklerine guwanýar. Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň aýdyşy ýaly, onuň ýurdunda döwlet Baştutanymyzyň bu saparyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bu gezekki gepleşikler netijeli döwletara hyzmatdaşlygyň pugta binýadyny emele getirýän gadymy dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň üýtgewsizdigini alamatlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mähirli kabul edilendigi we eýran topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin doganlyk ýurduň Baştutanyna minnetdarlyk bildirip, şu ýyl Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna 30 ýylyň dolýandygyny belledi. Şu ýyllaryň içinde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň dürli ugurlar boýunça ösdürilendigini kanagatlanma bilen belläp, döwlet Baştutanymyz Prezident Seýed Ebrahim Raisini bu şanly sene mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri dünýä döwletleri, ilkinji nobatda, ýakyn goňşular bilen birek-birege hormat goýmaga esaslanýan gatnaşyklary ösdürmekden ybaratdyr. Şunda Türkmenistan Eýran Yslam Respublikasy bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge we berkitmäge uly üns berýär diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi. Ýurtlarymyzyň arasynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlyk edilýär. Bu gatnaşyklar häzirki wagta çenli iki döwletiň arasynda gol çekilen birnäçe döwletara, hökümetara we pudagara resminamalarda öz beýanyny tapdy.

Eýran Yslam Respublikasy Türkmenistanyň öňden gelýän iri söwda-ykdysady hyzmatdaşydyr. Şunuň bilen baglylykda, ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy ýaly pudaklarda oňyn gatnaşyklaryň ösdürilýändigi bellenildi. Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran hökümetara toparyna möhüm orun degişlidir, onuň çäklerinde ähli ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk işjeň alnyp barylýar.

Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Yzygiderli geçirilýän Medeniýet günleri, iki goňşy ýurduň medeniýet we sungat ussatlarynyň, döredijilik işgärleriniň gatnaşmagynda geçirilýän halkara festiwallardyr sergiler munuň mysaly bolup durýar. Iki dostlukly ýurduň iri halkara we sebit guramalarynyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýeti bellenildi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Eýran bilen gatnaşyklary dürli ugurlar boýunça geljekde-de netijeli ösdürmek üçin bilelikdäki işleri dowam etdirmäge hemişe taýýardygyny nygtady we dost-doganlyk ýörelgelerine esaslanýan döwletara gatnaşyklary berkitmek babatda edýän şahsy tagallasy, aýratyn ünsi üçin Prezident Seýed Ebrahim Raisä minnetdarlyk bildirdi. Pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz eýranly kärdeşini özi üçin amatly wagtda Türkmenistana resmi sapar bilen gelmäge çagyrdy.

Şeýle-de, ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, abraýly halkara guramalaryň çäklerinde ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň giň ugurlary boýunça işjeň pikir alşyldy. Özara gyzyklanma bildirilýän sebitara we halkara syýasatyň wajyp meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Soňra gepleşikler Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň Hökümet wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Türkmen myhmanlary bilen mähirli salamlaşyp, Prezident Seýed Ebrahim Raisi Eýranyň özüniň ygtybarly hyzmatdaşy we hoşniýetli dosty hasaplaýan goňşusy bolan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowy hem-de wekilçilikli toparyny kabul etmäge hemişe şatdygyny nygtady. Eýran Lideri nobatdaky saparyň goňşy ýurduň döwlet Baştutanynyň iň ýokary wezipede Tährana guran ilkinji saparydygyny nygtap, bu gezekki gepleşikleriň häzirki döwürde hil taýdan täze derejä çykarylan ikitaraplaýyn syýasy-ykdysady we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmekde ähmiýetli boljakdygyna ynam bildirdi.

Eýran-türkmen hyzmatdaşlygynyň özara gatnaşyklaryň köp ýyllyk tejribesine daýanýan ygtybarly binýadynyň bardygyny belläp, Eýranyň Baştutany onuň ähli ugurlar boýunça ösdüriljekdigine ynam bildirdi. Döwletara gatnaşyklaryň möhüm ugurlary barada aýdyp, Prezident Seýed Ebrahim Raisi Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanmalarynyň syýasy erke esaslanýandygyny nygtady. Bu maksatlar degişli Ylalaşyklar we Ähtnamalar bilen berkidilen şertnamalaryň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam berer.

Ulag-kommunikasiýa pudagy we energetika ulgamy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde görkezildi. Soňky ýyllarda emele gelen düzümleriň mümkinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagy bu ugurdaky gatnaşyklaryň berkidilmegine täsirini ýetirer. Bar bolan mümkinçilikleri durmuşa geçirmekde bilelikdäki tagallalaryň utgaşdyrylmagy ýakyn wagtda söwda-ykdysady ugurdaky eýran-türkmen gatnaşyklarynyň hil taýdan täze derejä çykmagyny üpjün eder we özara haryt dolanyşygynyň mukdaryny artdyrar, pudaklaryň köpugurly esasda ösdürilmegine giň ýol açar.

Ynsanperwer ugurdaky hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklaryň möhüm ugry bolup durýar. Dünýä medeniýetine ägirt uly goşant goşan eýran we türkmen halklarynyň baý taryhy-medeni mirasy bu babatda oňyn mümkinçilikleri üpjün edýär.

Halkara syýasatyň gün tertibiniň esasy meseleleriniň çözgüdine bolan garaýyşlaryň we çemeleşmeleriň ýakyndygyny kanagatlanma bilen belläp, Prezident Seýed Ebrahim Raisi taraplaryň sebitde parahatçylygy hem-de durnuklylygy pugtalandyrmaga, özara ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýyny emele getirmäge bolan ikitaraplaýyn gyzyklanmalarynyň ähmiýetlidigini aýratyn nygtady. Tähranda ýokary derejede geçirilen gepleşikleriň iki goňşy döwletiň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine kuwwatly itergi berjekdigine ynam bildirip, Eýranyň Baştutany çykyş etmek üçin hormatly Prezidentimize söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mähirli garşylap, görkezen myhmansöýerligi hem-de bilelikde işlemäge döreden oňaýly şertleri üçin Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisä Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz, ilki bilen, bu saparyň Türkmenistanyň döwlet Baştutany hökmünde Eýrana amala aşyran ilkinji resmi saparydygyny belläp, onuň şu duşuşyga aýratyn many berjekdigine ünsi çekdi. ■ 2

## Çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi bagtyýarlyga beslenýär



Ýurdumyzyň çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Gökderede, Awazada we welaýat merkezlerinde ýerleşýän sagaldyş merkezleri eýýäm körpeleriň ilkinji tapgyryny kabul etdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beden taýdan sagdyn, ruhubelent nesli kemala getirmek döwletimiziň esasy wezipeleriniň biridir. Ýaş nesliň mynasyp bilim we terbiýe almagy, bedenterbiýe we sport, aýdym-saz, edebi-çeper döredijilik bilen meşgullanmagy, çagalaryň boş wagtyny şadyýan geçirmegi üçin ata Watanymyzda ähli tagallalar edilýär. Ýurdumyzda gurulýan döwrebap mekdepleriň we çagalar baglarynyň, çagalar dynç alyş hem-de sagaldyş merkezleriniň sany barha artýar. Döwletimiz tarapyndan ýaş türkmenistanlylaryň tomusky dynç alyş möwsümini oňat geçirmegi, Köpetdagyň ajaýyp jülgelerinde hem-de Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynda – «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda göwnejaý dynç almagy we saglygyny berkitmegi üçin alada edilýär.

Däp bolşy ýaly, Aşgabatda mekdep okuwçylaryny Gökderedäki çagalar sagaldyş merkezlerine ugratmak dabarasy boldy. ■ 3

## Ýaşlar syýasaty dabaralanýar



Ylym hem-de bilim adamzadyň dünýägaraýşyna hem-de durmuşyna özgerdiji täsirini ýetirýän gymmatly baýlykdyr. Diýarymyzda bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler halk hojalygynyň ähli pudaklaryny ýokary götermäge ýardam etdi. Innowasiýa we diwersifikasiýa syýasatynyň durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde ylymda gazanylýan üstünlikler Watanymyzy ösüşiň öň hatarlaryna çykardy. Bu bolsa ýurdumyzyň ylym-bilim babatdaky halkara abraýynyň barha artýandygynyň subutnamasydyr.

Bilim syýasatynda esasy ünsüň bilim almaga, ylma höwesi bolan ýaşlaryň ýüze çykarylmagyna berilmelidigi we zehinli ýaşlaryň hemmetaraplaýyn goldanylmalydygy hakyndaky görkezmelerinden ugur alnyp, ýurdumyzda uly işler durmuşa geçirilýär. Ylym-bilim ulgamlaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek we onuň gazananlaryny ykdysadyýetimizde netijeli peýdalanmak – bu günki gün döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünärli, taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça ähli tagallalar ediler diýip, hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda belläp geçýär. ■ 2

### Tebigy miras ýerleriniň sany boýunça öňde

Hytaý dünýäde iň köp mukdardaky bütindünýä tebigy miras ýerlerine eýe. Bu barada Hytaýyň Döwlet tokaý we sähra hojalygy müdirligi mälim etdi. ■ 4

### Dünýäniň täsin adalary

Palma Jumeýra (BAE). Adam eli bilen döredilen bu ýarym ada Dubaýda deňiz kenarynda ýerleşýär. Bu ada 2001-2006-njy ýyllar aralygynda deňziň gömülmegi bilen gurulýar. ■ 5

### Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedik Ýewropa çempionlary

Futbolyň iň uly ýaryşy Dünýä Kubogyna şu wagta çenli jemi 79 ýurduň ýygyndysy gatnaşyp, olaryň bary-ýogy 8-sine çempion bolmak başardýar. ■ 6

### Ildeşlerimiz iki medal gazandy

Agyr atletika boýunça Meksikanyň Leon şäherinde geçirilýän ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionaty ýokary depginde dowam edýär. Çempionata türkmen pälwanlary hem gatnaşyp, ildeşlerimiz 2 medal gazandy. ■ 7

## Sargytlary dron bilen iberer

«Amazon» kompaniýasy ilkinji gezek müşderileriniň sargytlaryny dron bilen salgylaryna iberer. Ilkinji nobatda, ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatyndaky Lokford etrabynda durmuşa geçiriljek täze taslama, soňlugy bilen has köp ýerde ýola goýlar. «Amazon» dronly eltip bermek hyzmatynyň haçan ýola goýuljakdygy barada maglumat bermedi. Bu baradaky berlen maglumatda: «Şu ýyl Lokfordda



ýaşaýan ulanyjylarymyz ilkinji gezek sargyt eden ýüklerini howa ýoly arkaly alyp bilerler. «Prime Air» (dronly ýük eltmek hyzmaty) bilen bagly müşderileriň pikirleri beýleki ýerlerdäki müşderilerimiziň isleglerini kanagatlandyrmak üçin örän ähmiýetli bolar» diýlip bellenilýär.

Köp ýyldan bäri bu hyzmaty ýola goýmak üçin tagalla edýän «Amazon» dronlaryň birnäçe görnüşini taýýarlady.

Täze taslamanyň çäklerinde 4 müňe golaý dron sargyt edilen bukjalary ýaşaýjylaryň howlusyna elter. Müşderiler dronlar arkaly sargyt edip biljek harytlarynyň sanawyny hem-de olaryň näçe wagtdan salgysyna getiriljekdigini «Amazon»-yň saýtynda görüp bilerler. «Amazon» harytlary dron arkaly bir sagatdan az wagtda müşderä ýetirmegi maksat edinýär.

**Ogulşeker ANNAORAZOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Körpeleriň oýun oýnamagynyň peýdasy

Angliýanyň Kembrij uniwersitetiniň alymlarynyň geçiren barlaglary çaganyň mekdebe barmanka deň-duşlary bilen oýun oýnamagynyň geljekde zehin taýdan has sagdyn boljakdygyny ýüze çykarypdyr. Ýokary okuw mekdebiniň Bilim fakultetiniň bilermenleri çagalaryň deň-duşlary bilen oýnamak endiginiň zehiniň kadaly bolmagyna oňyn täsir edýändigini görkezýän delilleri tapandyklaryny belleýärler. Barlagyň çäklerinde 2003-nji hem-de 2004-nji ýyllarda Awstraliýada dünýä inen



1 müň 676 çaga baradaky maglumatlar seljerilipdir. Netijede, üç ýaşynda deň-duşlary bilen gowy aragatnaşyk saklaýan çagalaryň 7 ýaşyna baranlarynda zehin taýdan has kämil bolýandyklary anyklanypdyr. Şeýle çagalaryň deň-duşlary bilen sözüniň aňsat alyşýandygy, gödek hereketlerden saklanýandygy we duýgy taýdan kadalydygy ýüze çykaryldy.

Şeýle hem geçirilen barlagyň netijesinde oýnalýan oýnuň wagtynyň däl-de, hiliniň hem ähmiýetlidigi bellenildi. Geçirilen barlagda döredijilik talap edýän oýunlaryň, belli maksady bolan oýunlary (bölejiklerden jaý gurmak ýaly) ýa-da gizlenpeçek ýaly «hyzmatdaşlyk» talap edilýän oýunlaryň has peýdalydygy bellenildi.

**Göwher GUMYŞOWA,**
*Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Sesden 9 esse çalt gider

«Venus Aerospace» atly kompaniýa «Stargazer» atly aşa ýokary tizlikli howa gämisiniň nusgalyk görnüşini köpçülige görkezdi. 12 ýolagçy orunlyk uçaryň tizliginiň sesden 9 esse ýokary boljakdygy bellenildi. Merkezi edarasy ABŞ-nyň Hýuston şäherinde ýerleşýän kompaniýa bu taslamany



durmuşa geçirmek üçin 33 million dollarlyk gazna döredipdir. Jemi 1 sagat uçup bilýän uçaryň giňligi 30 metre, uzynlygy 45 metre, agramy 68 tonna barabar. Uçar Ýerden 51,8 kilometr belende çykanyndan soňra ýokary tizligine ýetip biler. Uçar adaty howa menzilinden uçup hem-de gonup biler. Kompaniýanyň ýolbaşçylary uçaryň ilkinji synagynyň 2025-nji ýylda amala aşyryljakdygyny belleýärler. Onuň bäş ýyllap dürli synaglardan geçirilmelidigi habar berildi.

**Aýna MERDANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## «Internet Explorer» ulanyşdan aýryldy

Tehnologiýa ägirdi «Microsoft» internetiň ilki döran ýyllarynda hödürlenen «Internet Explorer» internet brauzeriniň ulanyşdan aýrylýandygyny mälim etdi. 1995-nji ýylda ulanyjylara hödürlenen brauzer şol döwürde internetden peýdalanmagy ep-esli derejede ýeňilleşdiripdir. 27



ýyldan bäri ulanylýan brauzer 15-nji iýunda ýapyldy.

Iňlis «Daily Mail» neşiriniň habaryna görä, «Internet Explorer»-iň ýerine 2015-nji ýylda döredilen «Edge» atly brauzeriň ulanylmagy dowam etdiriler.

Ulanyjy sany azalan hem bolsa, soňky gezek brauzeriň 11-nji nusgasy hödürlenipdi. «Statcounter» marketing kompaniýasynyň maglumatyna görä, internet ulanyjylarynyň 0,45 göterimi «Internet Explorer»-den peýdalanýar.

**Ýazjuma NURJAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# TÜRKMEN–EÝRAN GATNAŞYKLARY TÄZE DEREJÄ ÇYKÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Iki halkyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk we özara düşünişmek gatnaşyklarynyň berkidilýändigi we ösdürilýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga hil taýdan täze itergi berilýär, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň yzygiderli ösmegine zerur şertler döredilýär. Döwletara, hökümetara we pudagara resminamalar iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň şertnama-hukuk binýadyny emele getirýär.

Daşary syýasy ugurda, ilkinji nobatda, halkara we sebit howpsuzlygyny, durnuklylygyny berkitmek bilen bagly garaýyşlar netijeli özara hereketleriň esasy bolup durýar. Häzirki şertlerde ýurtlarymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, beýleki halkara we sebit düzümleriniň çäklerindäki özara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmek möhüm bolup durýar. Biziň ýurdumyzyň bitarap daşary syýasatyny yzygiderli goldaýandygy we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen öňe sürlen Kararnamalaryň kabul edilmeginde awtordaş bolup çykyş edendigi üçin Eýran Yslam Respublikasynyň ýolbaşçylaryna minnetdarlyk bildirmek isleýärin diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi.

Biziň syýasy we diplomatik ugurdaky özara hereketlerimizde häzirki zamanyň howplaryna – halkara terrorçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmäge esasy orun berilýär. Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky döwlet serhedi dostlugyň we hoşniýetliligiň serhedidir. Ýurtlarymyzyň arasyndaky serhet we beýleki degişli ulgamlardaky hyzmatdaşlygy berkitmek bilen bagly ähli meseleleri düýpli ara alyp maslahatlaşmak zerur bolup durýar. Şu maksat bilen, şu ýylyň ikinji ýarymynda Aşgabat şäherinde Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda Konsullyk, serhet we gümrük meseleleri boýunça bilelikdäki hökümetara toparyň mejlisiniň geçirilmegi teklip edildi.

Döwletara gatnaşyklarymyzda Hazar deňzini parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, ylalaşdyryjylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk giňişligine öwürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Doly kuwwatynda işleýän Hazar ulag ulgamynyň döredilmeginiň biziň ýurtlarymyzdan birnäçe ýöriteleşen wezipeleriň çözülmegini talap edýändigi gürrüňsizdir diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we Türkmenistanyň hyzmatdaşlar bilen nyrh ýeňillikleri hödürlemek, gümrük amallaryny ýeňilleşdirmek, milli operatorlaryň arasynda netijeli özara gatnaşyklary ýola goýmak ýaly, möhüm meseleler boýunça işe başlamaga taýýardygyny nygtady.

Neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, serhetüsti jenaýatçylyga garşy göreşmek, ekologiýa, innowasiýalar we ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy babatda aýdyp, hormatly Prezidentimiz bu wezipeleriň ählisiniň şu ýyl Türkmenistanda geçirilmegi meýilleşdirilýän Hazarýaka döwletleriň Baştutanlarynyň VI sammitiniň dowamynda ara alnyp maslahatlaşyljakdygyna ynam bildirdi.

Owganystana ýardam etmek boýunça halkara tagallalary işjeň goldamak bilen, goňşy ýurtlar bolup, owgan meselesi boýunça işjeň gatnaşyklary dowam etdirmegiň möhümdigini bellemek isleýärin. Şunuň bilen baglylykda, ýakyn wagtda Türkmenistanyň we Eýranyň Owganystan boýunça ýörite wekilleriniň duşuşygyny geçirmek mümkinçiligine seredilmegini teklip edýärin diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi.

Döwletara gatnaşyklar barada aýdyp, döwlet Baştutanymyz şu gepleşiklere iki ýurduň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna badalga berýän waka hökmünde doly esas bilen garalýandygyna ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz ulag ulgamyny uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň ähmiýetli ugurlarynyň hatarynda kesgitlemek bilen, biziň ýurdumyzyň Eýrany Demirgazyk–Günorta demir ýoly boýunça Pars aýlagynyň portlaryna çenli iň gysga ýol hökmünde esasy hyzmatdaşy hasaplaýandygyny belledi. Bu ugurda alnyp barylýan işleri işjeňleşdirmek maksady bilen, Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň ägirt uly mümkinçiliklerini göz öňünde tutup, iki ýurduň arasynda Ulag boýunça hökümetara topary döretmek baradaky başlangyç öňe sürüldi.

Özbegistan–Türkmenistan–Eýran–Oman–Katar ulag geçelgesiniň taslamasyny gysga wagtda durmuşa geçirmek üçin tagallalaryň güýçlendirilmegi zerur bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, bu taslama Hindistan we Gazagystan hem resmi taýdan goşuldy. Biziň döwletlerimiziň arasynda gazy «swop» görnüşinde ibermek boýunça gazanylan ylalaşyklara ýokary baha berlip, iki ýurduň degişli edaralaryna gazyň «swop» boýunça üçünji ýurtlara iberilmeginiň öwrenilmegi teklip edildi.

Elektrik energiýasy pudagynda iki ýurduň arasyndaky Mary–Maşat ýokary woltly elektrik ulgamynyň eýran böleginiň gurluşygynyň tamamlanandygyny hem-de ulanmaga taýýardygyny göz öňünde tutup, häzirki wagtda bu ulgamyň türkmen böleginiň gurluşygyna ýakyn wagtda başlamak meselesine seredilýär. Türkmenistan şu ýyl Eýranyň energoulgamy arkaly türkmen elektrik energiýasyny üçünji ýurtlara ibermäge başlamagy teklip edýär.

Döwlet Baştutanymyz oba hojalygy we suw pudagynda hyzmatdaşlyk üçin uly geljegiň bardygyny aýdyp, bu babatda «Dostluk» suw howdanynyň mümkinçiliklerini peýdalanmak meselelerine ünsi çekdi hem-de Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda Suw serişdelerini dolandyrmak boýunça bilelikdäki utgaşdyryjy toparyň döredilmegini teklip etdi. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegi we hil taýdan ösdürilmegi üçin, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran hökümetara toparynyň işine aýratyn jogapkärçilik düşýär. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň güýzünde bu toparyň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi teklip edildi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşyny jemläp, netijeli işlemek üçin döredilen mümkinçilik we özara gatnaşyklaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga bolan gyzyklanmalar, şeýle-de Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň berkidilmegine yzygiderli üns berýändigi üçin, Prezident Seýed Ebrahim Raisä we EYR-nyň wekiliýetiniň agzalaryna minnetdarlyk bildirdi. Eýranyň dostlukly halkyna bolsa parahatçylyk hem-de rowaçlyk arzuw edildi.

### RESMINAMALARYŇ BIRNÄÇESINE GOL ÇEKILDI

Gepleşikler tamamlanandan soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Seýed Ebrahim Raisi dabara gatnaşýanlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda resmi saparyň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ulag we üstaşyr hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Maýa goýumlar boýunça bilelikdäki komiteti döretmek barada Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Maýa goýumlar, ykdysady we tehniki kömek boýunça guramasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda 2022–2025-nji ýyllarda ylmy, medeni, döredijilik we bilim taýdan alyşmagyň Maksatnamasy; Hyzmatdaşlyk etmek boýunça Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Teleradiogepleşikler baradaky guramasynyň (IRIB) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Daşky gurşawy goramak babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Daşky gurşaw departamentiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Mary welaýatynyň häkimligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Horasan-Rezawi welaýatynyň häkimliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň häkimligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gülüstan welaýatynyň häkimliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Ahal welaýatynyň häkimligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Horasan-Şomali welaýatynyň häkimliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Şeýle-de, Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary Tähranda eýran kärdeşleri bilen duşuşyklary we gepleşikleri geçirdiler. Şolaryň dowamynda dürli ugurlardaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Gepleşikleriň jemleri boýunça resminamalar toplumyna gol çekildi. Şolaryň hatarynda gümrük edaralary boýunça özara gatnaşyklar bilen baglanyşykly ylalaşyklar bar. Ol Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük müdirliginiň arasynda gümrük maglumatlaryny elektron görnüşde alyşmagyň tehniki şertlerini öz içine alýar. Durmuş ulgamyndaky hyzmatdaşlyk boýunça degişli ylalaşyklar gazanyldy. Şunda Zähmet, iş bilen üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Kooperatiwler, zähmet we durmuş abadançylygy ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Ikitaraplaýyn gepleşikleriň çäklerinde iki ýurduň öňdebaryjy habarlar agentlikleriniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyk gazanyldy. Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Habar beriş agentliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Medeni-ynsanperwer, hususan-da, ylym-bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Hyzmatdaşlyk etmek barada Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Arhiwler we milli kitaphana guramasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi munuň aýdyň mysalydyr.

Şeýle-de, ýurtlarymyz ulag-aragatnaşyk ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berýärler. Tähranda degişli düzümleriň wekilleriniň arasynda geçirilen duşuşyklarda bu ugurdaky gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy we «Türkmenistanyň Ulag-logistika merkezi» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen Eýran Yslam Respublikasynyň «Rasan Rail Pars Co.» hem-de «Wagon Bar Caspian» kompaniýalarynyň arasynda halkara ýük daşamalar babatynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnamalara gol çekildi. Ýurdumyzyň işewür düzümleri tarapyndan halkara hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Kiçi kärhanalar we senagat şäherçeleri guramasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilendigini bellemek gerek.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanlary metbugat üçin gysgaça ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Saparyň dowamynda döwlet Baştutanymyzyň Eýranyň Beýik ruhy lideri Aýatolla Ali Hameneýi we Eýran Yslam Respublikasynyň Yslam Şurasy Mejlisiniň Başlygy Mohammed Bager Galibaf bilen duşuşygy boldy.

## Ýaşlar syýasaty dabaralanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýakynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet ýaşlar syýasatyny milli kanunçylykda mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň ileri tutulýan meselelerine bagyşlanan maslahat geçirdi.

Milli Liderimiz «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaçalar girizmegi işläp taýýarlamagy teklip etdi.

Ýaşlaryň jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady, medeni durmuşa işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak maksady bilen, ýaşlaryň arasynda telekeçiligi ösdürmegiň guralyny işläp taýýarlamagy we telekeçiler tarapyndan döredilen kärhanalarda işleýän işgärleriň 75 göterimi ýaşlar bolsa, olary «ýaşlar kärhanasy» diýip atlandyryp, şeýle kärhanalary döwlet tarapyndan goldamak boýunça ýeňillikleriň göz öňünde tutulmagynyň, bilim edarasyny tamamlan, ýaňy işe kabul edilen ýaş hünärmenleriň girdeji salgydyny zähmet döwrüniň 1-nji ýylynda



bellenilen kadasyndan 50 göterim, 2-nji we 3-nji ýylynda 25 göterim ýeňillikli tölemeginiň tertibini kesgitlemegiň, ýaşlarda okuwyň üznüksizligini gazanmak we olary hünäre ugrukdyrmak maksady bilen, orta mekdebi tamamlan ýaş oglanlaryň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň giriş synaglaryna gatnaşmagy üçin bir gezek mümkinçilik döretmek şerti bilen, harby gullugyň möhletini wagtlaýyn yza süýşürmek meselesiniň öwrenilmeginiň maksadalaýyk boljakdygy nygtaldy.

Bu teklipler türkmen ýaşlaryny has-da begendirdi, buýsandyrdy, geljege bolan umydyny ganatlandyrdy. Türkmen ýaşlarynyň hem öz gezeginde ýurdumyzyň ýaşlar baradaky döwlet syýasaty çygrynda bellenilen maksatlary we öňde goýlan wezipeleri amala aşyrmak arkaly ýurdumyzda ýaşlar syýasatynyň dabaralanmagyna, kämil bilimli, giň dünýägaraýyşly, ösen medeniýetli ýaşlaryň kemala gelmegine mynasyp goşandyny goşjakdygyna berk ynanýarys.

Goý, döwletimizde ýaşlaryň hemmetaraplaýyn kämil, ösen tehnologiýalardan baş çykarýan, daşary ýurt dillerini suwara bilýän hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda uly tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, başy dik, işleri rowaç bolsun!

**Selbi ILAMANOWA,**
*Mary şäherindäki 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiniň mugallymy.*

## MALINA ÝYGNAÝAN ILKINJI ROBOT

Beýik Britaniýanyň Plimut uniwersitetiniň «Fieldwork Robotics» golçur kärhanasy malina ýygnaýan ilkinji roboty ýasady. Bu iriýmişi ýygmak aýratyn kyn hasaplanýar, sebäbi beýlekilerden has ýumşak we dürli belentlikdäki gyrymsy agaçlarda ösýär.



Iki sany robot Portugaliýanyň günorta-günbataryndaky Odemira sebitinde synagdan geçirilýär. Robotlar 1,8 metr belentlige ýetip, 3D printer bilen çap edilen 4 sany plastik goly bilen malina ýygnaýar.

Beýik Britaniýa 3 ýyl mundan ozal şuňa meňzeş robotlaryň birini synag edipdi. Ýöne synagyň netijeleri kanagatlanarly bolmandy. Robot bir eli bilen bir sany malinany ýygnamak üçin 1 minut sarp etdi. Soňky robotlarda işläp düzüjiler sensor tehnologiýalary kämilleşdirip, robotlaryň has çalt işlemegini gazandylar.

Täze robotlar sagatda 1 kilograma çenli hasyl ýygnaýarlar. Işläp düzüjiler bu görkezijini 4 kilograma ýetirmekçi. Geljekde robotlar günde 25 müň malina ýygnarlar. Bir adam adaty 8 sagatlyk çalşykda 15 müň malina hasylyny toplamagy başarýar.

**Gözel AŞYROWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## ÝARYMGEÇIRIJI ÖNÜMÇILIGI ARTDYRYLÝAR

Golaýda Ýewropa ýurtlary çip önümçiligini artdyrmak maksady bilen täze taslama taýýarlapdy. Bu taslamada önüm öndürijilere dürli ýeňillikleri döretmek hem göz öňünde tutulýar. Germaniýa Magdeburg sebitinde täze önümçilik desgasyny gurmagy maksat edinýän «Intel» kompaniýasyna 6,8 milliard ýewrolyk goldaw berer. Täze desgada ilkinji önümçiligiň 2027-nji ýylda ýola goýulmagyna garaşylýar. Bu zawod dünýäniň öňdebaryjy ýarymgeçiriji öndürijileriniň biri bolan «Intel»-iň Ýewropadaky ilkinji önümçilik desgasy bolar. Germaniýanyň Hökümeti pul serişdesini üç ýylyň dowamynda berer. Onuň 2,7 milliardy şu ýyl, galan bölegi 2023-nji hem-de 2024-nji ýyllarda üpjün ediler.



«Intel» kompaniýasy bu desga üçin 33 milliard ýewrodan gowrak serişde sarp eder. Germaniýanyň Hökümeti tarapyndan beriljek goldaw taslamany durmuşa geçirmek üçin sarp ediljek serişdäniň bäşden birini emele getirer. Zawodyň gurluşygyna geljek ýylyň ikinji ýarymynda başlanmagyna garaşylýar.

Ýeri gelende bellesek, golaýda Ispaniýada hem çip öndürýän iri kärhananyň gurluşygyna badalga berlipdi.

**Aknur JORAÝEWA,**
*Saýat etrabyndaky 36-njy orta mekdebiň mugallymy.*

## ÝEWROPANYŇ IŇ GÜÝÇLI KOMPÝUTERI

Ýewropanyň iň güýçli superkompýuteri Finlýandiýada işe girizildi. Ýewropa Ýokary kuwwatly maglumat seljeriş bilelikdäki başlangyjy (EuroHPC) ýurduň Kajaani şäherindäki täze superkompýuter – LUMI-niň açylyşy boldy. LUMI sebitde häzire çenli gurlan çalt we energiýa babatda iň netijeli kompýuter. Şeýle hem LUMI dünýäniň iň çalt üçünji superkompýuteri hasaplanýar.

Bu kompýuter EuroHPC we 10 sany Ýewropa ýurdundan emele gelen bilelikdäki başlanyç bilen guruldy. Finlýandiýa, Belgiýa, Çeh Respublikasy, Daniýa, Estoniýa, Islandiýa, Norwegiýa, Polşa, Şwesiýa we Şweýsariýa ýurtlarynyň gatnaşýan konsorsiumynyň maksady ugrunda Ýewropanyň dünýäde öňdebaryjy bolmagyny gazanmakdan ybarat.

Ýewropa Komissiýasynyň başlygynyň orunbasary Margaret Westager sanly dünýä bilen aýakdaş Ýewropa üçin işleýändiklerini aýtdy. Westager kompýuteriň energiýany tygşytly ulanýandygyna ünsi çekip, bu enjamyň ylmy açyşlar üçin öňegidişlikler gazanylmagyna goşant goşjakdygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, lukmançylyk we howany öwrenmekde has çalt netije almaga ýardam eder.

Mälim bolşy ýaly, äpet kompýuterler aşa gyzyp, ony sowatmak üçin köp energiýa gerek bolýar. LUMI tebigy sowadyjy ulgamdan peýdalanýar we emele gelen ýylylyk Kajaani şäherindäki ýyladyjy ulgamynyň 20 göterimini üpjün edýär.





LUMI şu ýylyň sentýabr aýyndan başlap ýewropaly ulanyjylar üçin elýeterli ediler. «EuroHPC» taslamasynyň çäklerinde mundan ozal üç superkompýuter gurlupdy.

**Baýramgül BEKDURDYÝEWA,**
*Gubadag etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## 50 ýyllyk ýüzýän restoran portdan aýryldy

Gonkong şäheriniň simwollarynyň biri bolan «Jumbo» atly ýüzýän restoran 50 ýyldan soň duran portundan aýryldy. Daşky şekili gämä meňzeş bolmadyk, gadymy hytaý binagärlik äheňinde gurlan gämi şäheriň syýahatçylarynyň iň köp barýan ýerleriniň biridi. 2 müň 300 orunlyk restoranda häzire



çenli onlarça film hem surata düşürildi. Bu gämi dünýäniň belli syýasatçylaryny, meşhur aktýorlaryny hem myhman alypdy. Mundan ozal gämä eýeçilik edýän «Melco» halkara ösüş kompaniýasy gäminiň restoran üçin rugsatnamasynyň tamamlanýandygyny, şol sebäpli başga bir porta äkidiljekdigini mälim edipdi. 1976-njy ýylda hyzmata hödürlenen gämi şäheriň ýokary derejeli restoranlarynyň ilkinjileriniň hataryna goşulypdy. Min dinastiýasynyň simwollarynyň biri bolan «aždarha tagty» bilen bezelen gämini gurmak üçin 30 million gonkong dollar (3,8 million amerikan dollary) sarp edilipdi. Gäminiň başga ýere äkidiljekdigini eşidenler ony soňky gezek görmek üçin bardylar.

**Oguljeren RAHMANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

### HORMATLY ADAMLAR!

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi häzirki döwürde tomus paslynyň dowam edýän günlerinde paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmegi, Günüň ýiti şöhlesinden goranmagy, şeýle hem ýurdumyzda hereket edýän şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmegi ýatladýar.

*TSG we DSM-niň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 17-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109593
Belgisi: 24/1486
Tiražy: 4057
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Manyly ömrüň kämil kelamy

«Halkyň Arkadagly zamanasy» diýen şygar astynda geçýän şu şanly ýylda hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ömrümiň manysy» atly täze kitabynyň çapdan çykmagy bagtyýar halkymyz üçin bahasyna ýetip bolmaýan gymmatly serpaý boldy. Gahryman Arkadagymyzyň egsilmez pähim-paýhasyny, baý durmuş tejribesini, giň dünýägaraýşyny özünde jemleýän bu kitap çuňňur filosofik many-mazmunly, taryhy, medeni we geografik ensiklopedik ýadygärdir. Onda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ýeten belent derejeleri, ýurdumyzyň iňňän gadymy taryhy, ony öz beýik işleri bilen şöhratlandyran şahsyýetler, halkymyzyň ýaşaýyş medeniýeti, jemgyýetiň ahlak hem durmuş ýörelgeleri barada söhbet edilýär, möhüm ähmiýetli meseleler gozgalýar. Şol bir wagtda, bu gymmatly eser asyrlaryň dowamynda ençeme gymmatlyklary döreden halkymyzyň özboluşly medeniýeti, baý milli mirasy bilen içgin tanyşdyrýar.




Hormatly Arkadagymyzyň bu ajaýyp kitabyny okaýarkaň, halkymyzyň ýaşaýyş medeniýetiniň baýdygyna, giňdigine, çuňdugyna we dowamat-dowamdygyna göz ýetirýärsiň. Çünki kitapda türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýan däp-dessurlar, urp-adatlar, kadalar, mukaddes ýörelgeler jikme-jik beýan edilýär.

Täze kitabyň «Ömrümiň manysy» diýlip atlandyrylmagynyň aýratyn ähmiýeti, uly manysy bar, çünki Gahryman Arkadagymyz manyly durmuş ýolunda ençeme ýyllaryň dowamynda türkmen jemgyýetine sagdyn ýaşaýyş-durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, döwletimiziň Ýer ýüzündäki abraýyny has-da beýgeltmek, halkymyzyň baý milli mirasyny dünýä ýaýmak babatda ägirt uly işleri alyp bardy. Şonuň netijesinde ýurdumyzyň ençeme taryhy, medeni we tebigy ýadygärlikleri Bütindünýä mirasynyň genji-hazynasyna girizildi.

Gahryman Arkadagymyz pederlerimiziň asylly ruhy gymmatlyklaryna sarpa goýmak bilen, biziň günlerimize çenli ýetip gelen çeşmeleri we maglumatlary jikme-jik öwrenip, olary täze eserinde jemläpdir hem-de ulgamlaşdyrypdyr. Bu eser ýazylyp başlanan pursadyndan, dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döretdi. Sebäbi türkmen halkynyň milli häsiýetinde we dünýägaraýşynda jemlenen umumadamzat ynsanperwer ýörelgeleri Ýer ýüzüniň köp halklarynyň arasynda uly goldaw tapýar.

Bu eser Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ýeten belent sepgitleri, döwletimiziň taryhyndaky ähmiýetli wakalar hem-de ömrüni ata Watanymyza we mähriban halkymyza gulluk etmäge bagyşlan milli Liderimiziň durmuş ýolunyň esasy tapgyrlary baradaky maglumatlary özünde jemleýär.

Şeýle hem kitapda esasy ahlak kadalary we ýörelgeleri beýan edilýär. Olara häzirki döwürde-de möhüm ähmiýet berilmegi pederlerimiziň däpleriniň, ahlak kadalarynyň dowamat-dowam bolýandygynyň subutnamasydyr. Kitabyň girişinde hormatly Arkadagymyz diňe bir geçilen ýol we edilen işler barada oýlanmak bilen çäklenmän, eýsem, durmuşda mundan beýläk nämeleri etmelidigi barada pikirlenmegiň her bir adamyň borjudygyny aýratyn nygtaýar.

Milli Liderimiz täze filosofik eserinde toplan bilimini we baý tejribesini seljerip, olary umumylaşdyrmak bilen, ruhy kämillik, ýaradylyşyň kanuny, her bir adamy belende göterýän oňat gylyk-häsiýetler we ýagşy niýet meselelerine aýratyn üns berýär.

Kitap «Ýaşaýyş medeniýeti», «Ynanç hakynda söz», «Müňýyllyklaryň jümmüşinden gaýdýan ýol-ýörelge», «Gadymyýete nazar», «Mukaddes Mekge-Medinä zyýarat», «Milletiň ruhy-ahlak mekdebi» atly bölümlerden ybaratdyr. Eserde halk döredijiliginiň, görnükli şahsyýetleriň we filosoflaryň pähimli sözleriniň ulanylmagy hem-de edebi taýdan ussatlyk bilen beýan edilmegi müňýyllyklaryň dowamynda dünýäniň halklary bilen dostluk köprüsini gurup gelýän türkmen halkynyň baý ruhy dünýäsine düşünmäge gollanma bolup hyzmat etjek bu kitabyň gymmatyny we ähmiýetini has-da artdyrýar.

«Ömrümiň manysy» atly kitap tutuş dünýäniň giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir. Eserde okyjylar türkmen halkynyň geçmişi, ahlak gymmatlyklary, türkmenlerde ylmyň, bilimiň we medeniýetiň döreýşi hem-de ýaýraýşy, Oguz han döwründen miras galan parahatçylyk söýüjilik, döredijilik ýörelgeleri barada gyzykly maglumatlar bilen tanşyp bilerler. Eserde Abu Seýit Abylhaýyr (Mäne baba), Hoja Ahmet Ýasawy, Nejmeddin Kubra, Bahaweddin Nagyşbendi ýaly sufizmiň görnükli wekilleriniň, ulamalarynyň hem-de syýasatşynaslaryň durmuşyna göz aýlap bolýar. Kitabyň «Gadymyýete nazar» atly iň uly bölümi şu mowzuga bagyşlanypdyr.

Türkmenistanlylaryň häzirki we geljek nesilleriniň bagtyýar durmuşynyň binýadyny goýan Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemişe nygtaýşy ýaly, geljegi diňe geçmişe daýanyp gurmalydyr. Many-mazmuny boýunça örän gymmatly bu eserde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen umumadamzat medeniýetiniň ösüşine saldamly goşant goşan şöhratly pederlerimiziň peşgeş goýan mirasyny öwrenmek, wagyz etmek we toplamak boýunça alnyp barylýan ylmy-edebi işler öz beýanyny tapýar.

Biziň halkymyzyň buýsanmaga zady köpdür. Şuny nygtamak bilen, hormatly Arkadagymyz jemleýji sözünde okyjylar bilen paýlaşmak islän köp sanly parasatly öwüt-ündewlerini we taglymlaryny «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly täze kitabynda beýan etjekdigini belleýär.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çaphana usulynda çap edilen nobatdaky taryhy-filosofik eser Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz üçin belent maksatlary ýetmegiň ýolunda ruhy daýanç we şamçyrag bolup hyzmat eder.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty.*

# Akjagala kerwensaraýy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň baý taryhyny, milli mirasyny öwrenmekde, wagyz etmekde ägirt uly işler amala aşyrylýar. Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşendigi üçin, biziň ata-babalarymyz söwdagärler üçin niýetlenilen we içinde hemme amatlyklary bolan kerwensaraýlary gurupdyrlar. Şol kerwensaraýlaryň biri hem Amul-Merw aralygynda ýerleşen Akjagala kerwensaraýydyr. Amulyň gündogarynda Jeýhunyň kenarlary ýaýlyp gidýän bolsa, günbatarynda çäge alaňlary bar. Beýik Ýüpek ýolunyň hereket eden zamanasynda Amuldan Merwe gaýdýan ýol Garagum sährasynyň jümmüşine siňip gidipdir. Gündogar geografiýaçylarynyň ýazyşy ýaly, bu ýerde oňaýly amatlyklary we berk goraglylygy bolan rabatlary, käbir ýerlerde ýarym kerwen ýollary geçip, dynç alar ýaly, esasy kerwensaraýlaryň arasynda aralyk menzilleri gurmak zerur bolupdyr. Amuldan Merwe çenli bolan 36 farsahlyk (210 km) ýoly kerwenler, 6 günde geçipdirler. XI asyryň ikinji ýarymynda gurlan Akjagala kerwensaraýy iki howluly, göni burçluk şekilli bolupdyr. Onuň daşarky diwarlary pagsadan içki diwarlary, arkalary, gümmezleri çig kerpiçden gurlupdyr. Birinji we ikinji howlunyň otaglarynyň ölçegleri, görnüşleri we howlularyň deňölçegliligi biri-birinden tapawutlanypdyr. Ikinji howly bilen deňeşdirilende, birinji howly giň bolupdyr. Bu zatlaryň barysy kerwen akymynyň köpelmegi sebäpli, öň bar bolan kerwensaraýyň ýanynda gurulmagy, desgalary gurmaga bolan talabyň örän çalt üýtgändigine şaýatlyk edýär. Kerwensaraý howla tarap açyk gidýän arka we inedördül sütünli ötükler bilen gurşalyp, ol mallar, ýükler we ot-iým üçin niýetlenipdir. Içki howlynyň günorta öň tarapy binagärçilik taýdan aýratyn bezelipdir. Ýasama nagyşly arkaly ýalan tagçalary döretmek täri jaýyň içinde we öň tarapynda ulanylypdyr. Ýasama nagyşly binagärçilik nagşynyň öz aslyny Maşady-Misserianyň Şir Kebir aramgähinden alyp gaýdýandygy aýdyň görkezilýär. Ikinji howly inedördül bolup, onuň oklarynda giň gümmez şekilli eýwan ýerleşipdir. Howlynyň perimetri boýunça diwarlarynyň galereýalar bilen bölünişi Daýahatyn kerwensaraýyna meňzeşdigi görkezilipdir. Onuň diwarynda şekilli tagçasy bolan, günorta-günbatar eýwany metjit bolupdyr. Bu howlynyň gurluşy binagärçilik şekilli häsiýete eýe bolup, onuň aglaba bölegi Daýahatyn kerwensaraýynyň däp bolan gurluşy gaýtalanyp gurlupdyr. Akjagala binagärçilik tärleri boýunça özüniň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda gurlan ägirt uly jaý gurluşyk sungatynyň ymaratlaryna we Demirgazyk Horasanyň we Mawerannahryň desgalarynyň sebitleýin görnüşine degişlidigi aýdyň görkezilýär. XI asyryň ahyrlarynda gurlan Akjagala kerwensaraýynyň binagärlik keşbi şeýle äheňde bezelen binalary gurmak üçin uzak wagtlap nusga bolupdyr. Alymlaryň pikirine görä, Beýik Ýüpek ýoly bilen gatnan söwdagärler tarapyndan tarypy ýetirilen bu täsin kerwensaraý çöl-beýewanyň jümmüşinde ýerleşendigine garamazdan, köpsanly täze kerwensaraýlaryň binagärlik biçüwine ülňi bolmak bilen, döwrüň binagärligine täsirini ýetiripdir. Hünärmenler kerwensaraýyň binagärlik bezeg gurluşlarynyň Türkiýäniň Konýa şäheriniň golaýynda ýerleşýän daşdan gurlan Soltanhan kerwensaraýynyň (1229-njy ýyl) öň tarapynyň binagärçiliginiň özüniň öňe çykyp duran peştagy, gasynlary we burçlaryndaky diňleri, kerwensaraýyň ep-esli meýdany tutýanlygy, howlularynyň «goşalanyşy» bilen Akjagala meňzeşdigini tassyklaýarlar. Merwden Sarahsyň üsti bilen Nişapura alyp barýan Beýik Ýüpek ýolunyň esasy ugrunyň golaýynda ýerleşen Şerefrabat kerwensaraýynyň gurluşygynda Seljuklar döwletiniň binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgasy bolan Akjagalanyň gurluşyk meýilnamasyny we bezeglerini gaýtalamaga synanyşygyň edilendigi has aýdyň görünýär. Kerwen ýollarynda ýük ýazdyrmaga, dynç almaga, alyş-çalyş etmäge amatly şertler döredilen kerwensaraýlar şol döwrüň medeni derejesiniň ýokarydygyndan habar berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda kerwensaraýlar hakda giňişleýin gürrüň berilýär. Ol kerwensaraýlar goralyp saklanýar, olaryň käbirinde abatlaýyş we dikeldiş işleri geçirildi. Gahryman Arkadagymyz Beýik Ýüpek ýolunyň iň wajyp desgasy bolan kerwensaraýyň adynyň gelip çykyşyny şeýle düşündirýär: «Saraý» gadymy türkmen sözi bolup, köşk diýmegi aňladýar. Her bir sözüň mazmunyna çuňňur paýhas siňdiren türkmenler myhmanhana «köşk» diýen bolsa, onda ol öz döwrüniň ähli amatlyklary bilen üpjün edilen köşk-eýwandan birjik-de pes däldir».

Akjagala kerwensaraýy Türkmenabat-Mary demir ýolunyň Bagtyýarlyk menzilinden günbatarda ýerleşýär. Hemme amatlyklary bolan bu kerwensaraý Orta Aziýanyň iň esasy ýadygärligi hasaplanylýar. Ol gurlan wagty boýunça IX asyrda bina edilen Rabat-Mälik kerwensaraýy bilen döwürdeş hasaplanýar. Sungaty öwreniji G.A.Pugaçenkowa Akjagalanyň hemme depelerini öwrenip, onuň arhitektura gurluşy babatda demirgazyk-günorta Horasanyň XI-XII asyrynyň arhitekturasy boýunça umumylyklarynyň bardygyny anyklapdyr.

**Aýjeren GUBAÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

# Çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi bagtyýarlyga beslenýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şol ýerde tomus paslynyň dowamynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinden gelen çagalar tomusky dynç alyş döwrüni geçirýärler.

Paýtagtymyzdan dynç alyş möwsümine ugran çagalara ajaýyp sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde köpçülikleýin aýdym-sazly çykyşlar, şadyýan aýdymlar we joşgunly tanslar, şatlykly sahna oýunlary, meşhur çagalar döredijilik toparlarynyň döredijilik sowgady garaşýar.

Gökderedäki çagalar sagaldyş dynç alyş merkezleriniň çäklerinde ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndan, obadyr şäherlerinden dynç almaga gelen müňlerçe mekdep okuwçylary dynç alýarlar. Olarda türkmen halk ertekileriniň gahrymanlarynyň keşbine giren okuwçylar ajaýyp döwrümizi wasp edýän aýdym-sazlary, tanslary ýerine ýetirýärler, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüni, hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän ähli ulgamlardaky, hususan-da, bilim ugrunda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri wasp edýän häzirki zaman aýdym-sazlary belentden ýaňlanýar. Şeýle dabaraly hem-de giň möçberli ýagdaýda geçirilýän bagtyýar çagalaryň tomusky dynç alşy häzirki döwürde Watanymyzyň gazanýan ajaýyp üstünlikleriniň aýdyň beýanyna öwrülýär.





Tomusky dynç alyş möwsümine başlan mekdep okuwçylary çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň ähli amatly şertler döredilen binalarynyň otaglarynda ýerleşdirilip, olaryň höwesinden ugur alnyp, döredijilik we sport toparlary döredilýär. Çünki çagalaryň arasynda döredijilik duşuşyklary we sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirilýär. Bu çäreler bolsa ähli merkezlerdäki çagalary birleşdirýär.

Ösüp gelýän nesliň dynç alyş günleriniň dürli görnüşli we gyzykly çärelere baý bolmagy üçin çagalaryň ygtyýaryndaky döwrebap sagaldyş merkezleri ähli mümkinçiliklere eýedir. Çagalaryň dynç alyş merkezlerinde dürli oýunlary oýnamak hem-de bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy üçin niýetlenen ajaýyp meýdançalar, tans zallary, kompýuter tehnologiýalarynyň muşdaklary üçin merkezler, el işleri üçin gurnaklar, teatr we şekillendiriş sungatynyň studiýalary ýerleşýär, baý kitap gaznaly kitaphanalar işleýär.

Hemişe bolşy ýaly, ministrlikleriň we pudaklaýyn düzümleriň hünärmenleri, iri jemgyýetçilik hem-de beýleki guramalaryň wekilleri çagalaryň göwnejaý dynç almagyny guramaga öňünden taýýarlyk gördüler.

Olaryň bilelikdäki tagallalary netijesinde tomusky dynç alşyň her bir tapgyrynda dynç alyş merkezlerinde dürli bäsleşikler, çagalar çeper höwesjeňler toparlarynyň, dürli döwlet we halkara derejesindäki döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileriniň gatnaşmagynda konsertler guralýar.

Şeýle hem dynç alyş merkezlerinde medeniýet we sungat işgärleri bilen duşuşyklar geçirilýär. Merkezlerde belli sahna ussatlarynyň meşhur teatr we sirk, aýdym-saz toparlarynyň çykyşlary guralýar. Çagalar ýurdumyzyň baş şäheriniň ajaýyp ýerlerine gezelenç edýärler. Körpeler taryhy medeni ýadygärliklere, paýtagtymyzyň muzeýlerine, dynç alyş merkezlerine baryp görýärler.

Bir söz bilen aýdylanda, Gökderedäki sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde dynç alýan çagalar üçin gyzykly çäreler guralýar. Awazadaky şypahanalarda we welaýatlardaky çagalar dynç alyş merkezlerinde, şeýle hem mekdepleriň ýanynda döredilen meýdançalarda hem körpeleriň dynç alşy örän gyzykly geçýär. Däp bolşy ýaly, tomusda şadyýan we gyzykly dynç almagy halaýan çagalar üçin dürli çäreler, şol sanda bäsleşikler, duşuşyklar, sport ýaryşlary we beýleki çäreler guralýar.

**Aýna ATAÝEWA,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky 16-njy orta mekdebiň mugallymy.*

# Mährem ene yhlasy – çäksiz hormat mysaly

Ene her bir çaganyň ilkinji aýdýan sözüdir. Her bir adam üçin iň mähriban, mukaddes sözüň enelerden, ýagny ýaşaýyşdan - toprakdan, suwdan, howadan gözbaş alýandygy ýöne ýere däldir. Şonuň üçin hem ene söýgüsiniň, ene mukaddesliginiň wasp edilmedik döwri ýok bolsa gerek. Söhbedimiziň şu ýerinde ata-babalarymyzyň ir döwürlerden bäri dillerinden düşürmän gelýän tymsallarynyň birine ýüzleneliň.

Bagdat medreseleriniň birinde müderris talyplarynyň üşügini, zehinini, ylym-bilim derejesini barlap görmek isläpdir. Ol talyplaryny ýanyna çagyryp: «Zeminiň bir künjünde jennet topragy bar, şondan bir gysym alyp geliň!» diýipdir. Her talyp okan, öwrenen zadyny täzeden gaýtalapdyr, küti-küti kitaplary dörjelemäge başlapdyr. Ençeme ägirtleriň eserlerini hem sahypama-sahypa agdarypdyrlar. Jennet topragynyň nirede ýerleşýändiginiň haýsy kitapda ýazylandygyny bilmek üçin yhlas edipdirler. Şol günleriň birinde al-Merwezi atly bir şägirdiň müderrisden rugsat alyp, Merwe gidendigini talyplar bilip galýarlar. Olar öz aralarynda pyşyrdaşyp: «Diýmek, jennet topragy Merwde bolmaly. Öňki alymlaram Merwi jennetiň nusgasyna ýönelige deňän däldirler, şol ýerde bir mukaddes ýer bardyr, ony hem şu ýoldaşymyz bilýändir. Biziň bu zatlary bilmeýşimizi diýsene» diýşipdirler. Birnäçe günden soň al-Merwezi bir gysym topragy müderrisiň öňünde goýupdyrda: «Tagsyr, ynha size jennetden bir gysym toprak getirdim» diýipdir. Müderris hiç zat bolmadyk ýaly düwünçegi kabul edipdir we ony ähli talybyň öňünde açyp görkezipdir. Üýtgeşik topragy görmäge höwesek talyplar düwünçegiň daşyna üýşüpdirler. Görseler adaty bir gum. Talyplar bu wakanyň syryna akyl ýetirip bilmändirler. Müderris ondan «Hany, şägirt, munuň jennet topragydygyny ýoldaşlaryňa hem düşündir, ýogsam olar ynam etmeýäne meňzeýär» diýipdir. «Tagsyr, hezreti Pygamberimiziň «Jennet eneleriň dabanynyň astyndadyr» diýen mübärek sözleri bar. Men hem obama baryp, enemiň basyp giden aýak yzyndan bir goşawuç gum aldym, ine, şu hem jennet topragydyr» diýip, jogap beripdir. Müderris bu jogapdan hoşal bolupdyr. Beýleki talyplaryň bolsa haýran galmakdan başga çykalgasy galmandyr. Öwrenen zatlarynyň ýadynda galmandygyna we talap edilýän zadyň asyl hikmetine göz ýetirmän, ony düýbünden başga ýerden gözländiklerine düşünipdirler.



Enelere bolan çäksiz hormat-sylagy ýokarda getirilen tymsalyň mysalynda hem görmek bolýar. Şeýle egsilmez gadyr-gymmat diňe bir tymsallarda däl, eýsem, Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym - mukaddeslige tagzym» kitabynyň «Ene - ulus-iliň enesi, çäksiz hormat eýesi» atly bölüminde-de öz beýanyny tapýar. Kitapda bu barada: «Jennet eneleriň dabanynyň astyndadyr» diýen jümläni ähli perzentleriň aňyna siňdirmegimiz gerek. Enesini razy eden il-ulsuny hem razy edýär, iliň ynamyny gazanýar. «Jennet» diýip ata-babalarymyz hözirli durmuşda ebedi ýaşamaga düşünipdirler. Şol ýaşaýyş, şol durmuş hem perzentleriniň enelere wepadarlygyndadyr» diýen jümle bar.

Mährem kalply enelerimiziň ynsan durmuşyndaky ähmiýetini halkymyzyň aňyna ornan nakyllardyr atalar sözlerinde hem duýmak mümkin. Olarda şeýle diýilýär: «Enem - Käbäm, atam - Kyblam», «Atadan ogla miras, eneden - gyza», «Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de bizini al».

Goý, Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda mähriban enelerimize bolan çäksiz söýgi, goýulýan hormat-sarpa bilen ýurdumyzda höküm sürýän bagtyýar durmuş dowamat-dowam bolsun!

**Şirin JEPBAROWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

# Ýaşlar – biziň geljegimiz

Ýakynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet Baştutanymyzyň tabşyrmagy boýunça Daşoguz we Lebap welaýatlaryna iş saparyny amala aşyrdy. «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary esasy ýörelge edinýän hormatly Arkadagymyz halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi bilen yzygiderli gyzyklanýar. Gahryman Arkadagymyz Daşoguz we Türkmenabat şäherlerindäki welaýat köpugurly hassahanalarynda bolup, halkymyzyň, aýratyn-da, ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak boýunça edilýän işler bilen tanyşdy. Şeýle hem alym Arkadagymyz Türkmen oba hojalyk institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplarydyr mugallymlary bilen duşuşdy.



Hormatly Prezidentimiziň aladalary netijesinde, beýleki pudaklar bilen bir hatarda, bilim ulgamy hem uly ösüşlere eýe bolýar. Ýaş nesilleriň dünýä derejesinde ylym-bilim alyp, ruhy hem-de beden taýdan sagdyn adamlar bolup ýetişmekleri üçin taýsyz tagallalar edilýär. Bu, elbetde, jemgyýetimiziň geljeginiň has-da sagdyn bolmagyny üpjün eder. Bu bolsa geljek nesillerimiziň sagdyn aň-düşünjeli bolup, il-günüň guwanjy boljakdygynyň aýdyň subutnamasydyr.



Hormatly Arkadagymyz talyp ýaşlar we mugallymlar bilen ylmy mundan beýläk-de ösdürmegiň we okatmagyň täze usullaryny, bilim ulgamyna sanly ulgamy ornaşdyrmagyň, şeýle hem ýurdumyzyň ähli ugurlary boýunça zerur bolan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň meseleleri boýunça pikir alyşdy.

Hormatly Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, okamak we öwrenmek, döredijilikli we yhlasly zähmet çekmek bilen, ýurdumyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak, bagtyýar we abadan durmuşyň bähbidine döretmek, gurmak, uly üstünlikleri gazanmak, elmydama kämillige ymtylmak watansöýüji, ynsanperwer, zähmetsöýer, maksada okgunly, belent ahlakly bagtyýar nesillerimiziň baş maksady bolmalydyr.

Gahryman Arkadagymyz öwüt-ündewlerini berip, türkmen halkynyň gadymy döwürlerden bäri ýaş nesliň sazlaşykly ösmegine hem-de mynasyp terbiýe almagyna ähmiýet berendigini aýtdy. Geçen döwürleriň meşhur şahsyýetleri gymmatly pähim-paýhas mirasyny bize galdyrypdyrlar, olaryň döreden eserleri geljekki nesilleri terbiýelemek üçin gymmatly çeşme bolupdyr. Biziň pederlerimiziň watançylyk we ynsanperwerlik ýörelgeleri durmuşa täze gadam basan ýaş nesiller üçin geçmişi, häzirki döwri hem-de geljegi özünde jemleýän nusgalyk mekdepdir.

Hormatly Arkadagymyz duşuşyklaryň ikisinem «Geljek siziň bilendir! Biziň ýurdumyzyň geljekde-de gülläp ösmegi üçin öňe, öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» diýip jemledi. Talyp ýaşlar şowhunly el çarpyşmalar bilen bu sözleri gaýtaladylar.

Watansöýüji, ýokary ahlak sypatly, ynsanperwer, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ata-babalarymyzyň ruhy-ahlak ýörelgelerine wepaly ýaşlary kemala getirmek döwletimiziň baş wezipeleriniň biridir. Bu ugurda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy, döredijilikli, parasatly, ynsanperwer syýasaty bilen ýurdumyzda ýaşlar syýasaty döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Halkymyzy bagtly geljege alyp barýan hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, eziz Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde uly üstünlikler arzuw edýäris!

**Begli HUDAÝBERGENOW,**
*Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabyndaky 40-njy orta mekdebiň mugallymy.*

# HORWATIÝA ÝEWRO GEÇER

**Horwatiýa 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýewro zolagyna goşulmaga taýýar. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň Brýusselden ýaýradan soňky beýanatynda mälim edilýär. Ýewropa Komissiýasy geljek ýyldan ýewro zolagyna agza ýurtlaryň sanyny 20-ä ýetirmäge taýýardygyny mälim etdi.**

**«Ýewropa Komissiýasy Horwatiýanyň ýewro geçmäge taýýardygyny nazara alyp, ýewro zolagyna agza ýurtlaryň sanyny artdyrmagy maksat edinýär. Horwatiýa ýewro geçmek üçin ähli şertleri ýerine ýetirdi» diýlip, beýanatda bellenilýär. «Ýewropa Komissiýasy ykdysady integrasiýa, konwergensiýa bilen baglanyşykly goşmaça ýagdaýlary, şeýle hem töleg balansynyň ösmegini, önüm, zähmet we maliýe bazarlarynyň birleşmegini nazara alyp, Horwatiýanyň ýewro geçmek maksatlaryny amala aşyrar» diýlip, Ýewropa Komissiýasynyň beýanatynda bellenilýär.**

**Hasabatda Ýewropa Komissiýasynyň iýul aýynyň birinji ýarymynda bu ýurduň ýewro zolagyna girmegi barada gutarnykly karara geljekdigi aýdyňlaşdyrylýar. «Geňeş Horwatiýanyň iýul aýynda, Ýewropa toparynda we Ýewropa**



**Geňeşinde ara alnyp maslahatlaşylandan soň, Ýewropa Parlamenti we Ýewropanyň Merkezi Banky öz pikirini beýan edeninden soň Horwatiýanyň ýewro geçmegi barada gutarnykly karar kabul eder» diýlip, Ýewropa Komissiýasynyň beýanatynda bellenilýär.**

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

12-nji iýunda Fransiýada geçirilen parlament saýlawlarynyň birinji tapgyrynda dolandyryjy «Bilelikde!» koalisiýasy hem-de «Täze halk ekologiýa we jemgyýetçilik bileleşigi» (NUPES) deň netije bilen diýen ýaly, degişlilikde, 25,7% we 25,6% sese eýe boldular.

Alnan sesleriň sany boýunça üçünji orny Marin Le Peniň «Milli bileleşik» partiýasy (18,7%), dördünji orny bolsa «Respublikaçylar» partiýasy (10,4%) eýeleýär. Erik Zemmuryň «Reconquista» partiýasynyň wekilleri 4,2% ses alyp bäşinji orny eýelediler. Beýleki partiýalar we bileleşikler 4%-den geçmedi.

Ýurduň Içeri işler ministrligi bu ses berişlige gatnaşygyň pes derejede bolandygyny habar berdi. Parlament saýlawlarynyň ikinji tapgyry 19-njy iýunda geçiriler. Bu saýlawlarda parlamentiň mandatyna dalaş edýän 6300 töweregi dalaşgäriň arasyndan parlamentiň 577 deputaty (parlamentiň aşaky palatasy) bäş ýyl möhlet bilen saýlanýar.



Ikinji tapgyra gatnaşmak üçin dalaşgär öz saýlaw okrugynda hasaba alnan saýlawçylaryň azyndan 12,5% sesini almaly. Ikinji tapgyrda, sesleriň ýönekeý köplügini almak ýeterlikdir. 2017-nji ýylda geçirilen öňki parlament saýlawlarynda Prezident Emmanuel Makronyň «Öňe, Respublika!» partiýasy we onuň hyzmatdaşlary Milli mejlisde orunlaryň köpüsine eýe bolupdy.

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde

► **Ilkinji neşiri auksiona çykaryldy.** «Sotheby's» auksion öýi Londonda «Garri Potter we pelsepe daşy» kitabynyň ýalňyşly ilkinji neşirini auksiona çykardy. Kitabyň sahabynda «filosoflar» diýen söz ýalňyş ýazylypdyr, şeýle-de «bir taýajyk» diýen söz gaýtalanypdyr. 1997-nji ýylda çap edilen bu kitabyň bahasy 250 müň dollar.



► **Dünýä rekordy täzelendi.** Hindistanyň Milli awtoulag ýollary edarasy uzynlygy 75 kilometrlik gara ýoly gysga wagtda gurmagyň hötdesinden gelip, Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Taslamanyň gurluşygyna 720 işçi, şol sanda garaşsyz hünärmenler gatnaşdy. Gurluşyk işleri 3-nji iýunda ir säherde başlap, 7-nji iýunda giçlik tamamlandy.



► **Elli ýyllyk karton jaý.** Amsterdamdaky «Fiction Factory» kompaniýasy skandinaw agaçlaryndan alnan kartondan jaý gurdy. Şeýle görnüşli jaýlar ekologiýa nukdaýnazaryndan arassa hasaplanyp, azyndan elli ýyllyk döwür üçin niýetlenendir. Uzynlygy 4,5 metr we ini 3,5 metr bolan jaýy aňsatlyk bilen giňeldip ýa-da kiçeldip bolýar.



► **Eseri sergä goýuldy.** Leonardo da Winçiniň doly gutarylmadyk «Keramatly Ieronim çölde» atly eseri Klo Lýuse galasynda sergä goýuldy. Bu ýerde italýan suratkeşi ömrüniň soňky ýyllaryny korol Frensisiň howandarlygynda geçirdi. Kendir matanyň ýüzüne çekilen suratda üstünden 535 ýyl geçendigine garamazdan, da Winçiniň barmak yzlary aýdyň görünýär.



► **Kran myhmanhana öwrüldi.** Amsterdamly binagärler 350 tonnalyk port kranyny beýikligi 50 metre deň bolan amatly myhmanhana öwürdiler. Myhmanhananyň otaglarynyň hemmesi üýtgeşik dizaýna eýe bolup, panoramiki lift bilen enjamlaşdyrylypdyr. Myhmanhanada bir gün galmak 500 dollara düşýär.



► **Çäge heýkeltaraşlygy festiwaly.** Ýakynda Sankt-Peterburgda çäge heýkelleriniň festiwaly açyldy. Deňiz kenarynda ajaýyp eserleriň taraşlanyşyny synlamaga hem mümkinçilik döredildi. Olaryň arasynda belli rus ýazyjylarynyň, suratkeşleriniň we sazandalarynyň keşpleri göze ilýär. Festiwal 12-nji sentýabra çenli dowam eder.



► **Aýa çykarylan baýdak satyldy.** Aýa amala aşyrylan ekspedisiýada «Apollon-11» kosmiki gämisi bilen Aýa çykarylan baýdak «Heritage» auksionynda 162,500 dollara satyldy. Ölçegi 19,5 x 29 santimetr bolan ABŞ-nyň baýdagynda «Apollon-11-de Aýa çykaryldy, iýul, 1969/Maýkl Kollinz» diýen ýazgy bar.



► **Stansiýalaryny täzeden açar.** Awstraliýa energiýa meselesi sebäpli ýurduň kömür bilen işleýän elektrik stansiýalaryny açar. Bu barada ýurduň Resurslar ministri Madleýn King mälim etdi. Onuň sözlerine görä, kömür bilen işleýän elektrik stansiýalaryna maýa goýmakdan ýüz öwürmek we olary ulanyşdan aýyrmak heniz ir.



► **Ýel energiýasyny artdyrmakçy.** Daniýanyň, Belgiýanyň, Germaniýanyň we Niderlandlaryň hökümetleri Demirgazyk deňzinde ýel energiýasynyň öndürilişini giňeltmegi maksat edinýär. Gazanylan ylalaşyga görä, Demirgazyk deňzinde ýel energiýasynyň öndürilişini iki esse artdyrmak göz öňünde tutulýar.







# TEBIGY MIRAS ÝERLERINIŇ SANY BOÝUNÇA ÖŇDE

**Hytaý dünýäde iň köp mukdardaky bütindünýä tebigy miras ýerlerine eýe. Bu barada Hytaýyň Döwlet tokaý we sähra hojalygy müdirligi mälim etdi. Häzirki wagtda Hytaýda ÝUNESKO-nyň sanawyna girizilen 14 sany bütindünýä tebigy mirasy hem-de 4 sany medeni we tebigy miras mekany bar. Bu iki görkezijide Hytaý dünýäde birinji orunda durýar.**

**Müdirligiň ýolbaşçylarynyň aýtmagyna görä, bu ýerlerde owadan daglar, tokaýlar we köller, şeýle hem ösümlik we haýwanat dünýäsiniň seýrek we ýitip barýan görnüşleri netijeli goralýar.**

**Bu ýerlerde 200-den gowrak medeni miras ýerleri, maddy däl medeni miras, köp sanly meşhur taryhy ýadygärlikler goralyp, ýerleşýän sebitleriniň ýerli ýaşaýjylaryna syýahatçylygyň ortaça ýyllyk girdejisini – 14 milliard ýuandan gowrak girdeji getirýär.**

# Hyzmatdaşlygy berkitmek barada ylalaşdylar

BRIKS ýurtlarynyň ykdysadyýet we daşary söwda ministrleri sanly ykdysadyýet, söwda pudagyna maýa goýumlary we durnukly ösüş, üpjünçilik zynjyrlary we köptaraplaýyn söwda mehanizmleri ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy berkitmek barada ylalaşdylar. Bu barada Hytaýyň Söwda ministrliginde habar berildi.

BRIKS ýurtlarynyň ykdysadyýet we daşary söwda ministrleriniň sanly ulgam arkaly geçirilen 12-nji maslahatynyň netijesinde, bilelikdäki beýanat tassyklandy we 14-nji BRIKS sammitine taýýarlyk görmek üçin degişli ugurlar boýunça birnäçe teklipler ylalaşyldy.

Duşuşyga Hytaýyň Söwda ministri Wang Wentao ýolbaşçylyk etdi. BRIKS ýurtlarynyň ykdysadyýet we daşary söwda ministrleri, şeýle hem degişli halkara guramalarynyň wekilleri sanly ulgam arkaly çärä gatnaşdylar.

BRIKS topary Braziliýa, Russiýa, Hindistan we Hytaý ýaly ýurtlaryň gatnaşmagynda 2009-njy ýylda döredildi. 2010-njy ýylda Günorta Afrika Respublikasy bu gurama goşuldy we şondan bäri täze agzalar bilen




üsti doldurylmady. BRIKS-e agza ýurtlar dünýä ilatynyň 43%-ine deň bolup, tebigy baýlyklarynyň uly gorlary Hytaý we Hindistan ýaly käbir ýurtlaryň ykdysady ösüşi üçin uly mümkinçilikleri döredýär.

# GIDROELEKTRIK STANSIÝANYŇ GURLUŞYGYNA BAŞLADY

Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow ýurduň günortasyndaky Jalal-Abad sebitinde Kambar-Ata gidroelektrik stansiýasynyň gurluşygyna badalga berdi. Gyrgyzystanyň Prezidenti öz çykyşynda Merkezi Aziýada ýurduň energiýa howpsuzlygyny üpjün etjek iň uly gidroelektrik stansiýasynyň gurluşygyna başlanýandygyny, ýurduň energiýa pudagynyň öňüni çekjek Kambar-Ata-1 GES-iniň ykdysady görkezijisiniň giň gerime eýe boljakdygyny belledi.



– Gyrgyzystanda ähli energiýa beketleriniň geçen asyryň 60-70-nji ýyllarynda gurlandygy mälimdir. Kambar-Ata-1 gidroelektrik stansiýasyny işe girizenimizde, Kambar-Ata-2 gidroelektrik stansiýasynyň doly güýjünde işlemegi üçin ähli şertler döredilip, bu ýerde olaryň kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik dörär. Netijede, bu iki möhüm gidroelektrik stansiýasyny doly güýjünde işledip, 1000 megawat elektrik öndürip bileris – diýip, Sadyr Žaparow aýtdy.

Onuň sözlerine görä, Kambar-Ata-1 GES-iniň işe girizilmegi Gyrgyzystana we Merkezi Aziýa bähbit getirip, goňşy ýurtlaryň hem suwaryş meselesini çözmäge mümkinçilik döreder we sebitdäki suw we energiýa balansynyň durnuklaşmagyna ýardam berer.

Kambar-Ata-1 GES-iniň gurluşygy 8 ýyldan 10 ýyla çenli dowam eder. Kambar-Ata-2 GES-iniň taslamasy 1985-nji ýylda işlenip düzülip, 1986-njy ýylda esasy desgalarynyň gurluşygyna başlandy. Ýöne 1991-nji ýylda maliýe zynjyrynyň üzülmegi sebäpli, Kambar-ata-2 GES-iniň gurluşygy togtadyldy. Gurluşyk diňe 2007-nji ýylda gaýtadan başlanyp, 2010-njy ýylda kuwwaty 120 MWt bolan ilkinji gidroagregat işe girizildi.



# ÝOL KÖPRÜSI IKI ÝURDY BIRLEŞDIRDI

Köp wagtdan bäri gurluşygy alnyp barylýan Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky awtoulag köprüsi 10-njy iýunda ulanmaga berildi. Binagärlik desgasy Amur derýasynyň üstünden geçip, Russiýanyň Blagoweşenk şäherini Hytaýyň Heýhe şäheri bilen birleşdirdi. Açylyş dabarasy sanly ulgam arkaly geçirilip, tomaşaçylar tarapyndan oňa Pekinden, Moskwadan we Wladiwostokdan tomaşa edildi.

Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky ilkinji köpri açylan badyna, dessine ýük ulaglary gatnap başlady. Suwuklandyrylan tebigy gaz bilen işleýän sekiz rus awtoulagy Hytaýa tarap ugur aldy. Hytaý tarapdan bolsa, dürli ýükli birnäçe ulag täze köpri arkaly Russiýa geçdi.

Russiýa bilen Hytaýyň arasyndaky serhetara köpriniň gurluşygyna 2016-njy ýylda başlandy. Köpriniň uzynlygy 1080 metre deň bolup, rus we hytaý tarapynyň her biri, ýaryny, ýagny 540 metr bölegini gurdular. Bölekler iki kenardan bir wagtda gurlup, 2019-njy ýylyň 31-nji maýynda biri-birine seplendi. Köpri geçelgesiniň umumy uzynlygy 20 kilometre deň bolup, oňa Hytaýyň çäklerindäki 6 kilometr ýol, Russiýanyň çäklerindäki 13 kilometr ýol girýär.

# ÝEWROPANYŇ IŇ ULY MUZEÝI

11-nji iýunda Norwegiýanyň paýtagty Osloda täze Milli muzeý açyldy. Muzeýiň açylyş dabarasyna patyşa maşgalasynyň agzalary, şol sanda Şa zenany Sonýa, mirasdüşer şazada Hakon, şeýle hem Daniýanyň şazadasy Mariýa we Norwegiýanyň Premýer-ministri Ýonas Gar Stýore we beýlekiler gatnaşdylar.

– Täze Milli muzeý Demirgazyk Ýewropadaky iň uly muzeýdir. Bu muzeý gadymy döwürlerden häzire çenli saklanyp galan ajaýyp şekillendiriş sungatymyza, senetçilige we binagärlige degişli ýygyndylary gorap saklamak we görkezmek maksady bilen bina edildi. Aslynda bu muzeý bir üçegiň astyndaky üç mirashana bolup, olar Norwegiýanyň Milli galereýasyndan, Häzirki zaman sungat muzeýinden we Dizaýn sungaty muzeýinden ybaratdyr. Şol sebäpli bu muzeýiň Demirgazyk Ýewropanyň iň uly medeni merkezine öwrüljekdigine şübhe bolup bilmez – diýip, muzeýiň direktory Karin Hindsbo belledi.

Meýdany 13 müň inedördül metr bolan bu muzeýiň gurluşygy 8 ýyllap dowam etdi hem-de Norwegiýanyň gaznasyndan 600 million ýewro sarp edildi. Bu ýerde 6 müňden



gowrak çeper eser saklanyp, olaryň iň meşhury Edward Munkuň «Pygan» atly eseridir. Norwegiýanyň Milli muzeýi Oslonyň merkezindäki, Nobeliň Parahatçylyk baýragynyň edarasynyň golaýynda ýerleşýär.

# Ispaniýa wodorod otlusyny işe girizer

Ýaponiýa 2006-njy ýylda wodorod bilen işleýän otlyny işe girizen ilkinji ýurtdur. 2018-nji ýylda bolsa, Fransiýanyň «Alstom» korporasiýasy Germaniýada wodorod bilen işleýän täjirçilik maksatly ýolagçy otlusyny synagdan geçirdi.

Ispaniýada wagon gurluşyk kompaniýasy «Talgo» we ýurduň iň uly nebit-gaz kompaniýasy «Repsol» şäher töweregine gatnamaga ukyply we orta aralyga niýetlenen «Vittal One» atly wodorod otlyny hödürledi.

Wodorod bilen işleýän otlynyň esasy wezipesi Ýewropadaky elektrikleşdirilmedik ýollaryň 40 göteriminde, ýagny kömürturşy gazyny goýbermezden, takmynan, 80 müň kilometre çenli ýoly külterlemekden, Ispaniýada ulag hereketini gowulandyrmak we elektrikleşdirilmedik demir ýollaryndan peýdalanmakdan ybaratdyr.

Ýurduň hökümeti «ýol kartasynyň» 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýany ösdürmek üçin milli maksatlary kesgitleýändigini tassyklaýar. Ispaniýa olara esaslanyp, 2050-nji ýyla çenli maksatnama işläp düzüp, 100% täzelenip bilýän elektrik ulgamyna eýe bolmagy meýilleşdirýär.

Wodorod gaýtadan dikelýän energiýa çeşmesi bolup, ýel ýa-da Gün energiýasynyň hasabyna zyýanly gazlary howa goýbermezden öndürilýär. Ol giňden ýaýran elementleriň biri bolup, arassa energiýa doly geçmek umydy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, 2050-nji ýyla çenli wodorod tehnologiýasy Ýewro-



pa Bileleşiginiň ähli ýangyç ätiýaçlyklarynyň dörtden bir bölegini kanagatlandyrar. Olar 42 million awtoulagy, bir ýarym milliondan gowrak ýük ulagyny we 250 müň awtobusy ýangyç bilen üpjün etmäge ýeterlik bolar. Häzirki wagtda, esasan, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Niderlandlar, Belgiýa we Awstriýa ýaly ýurtlarda wodorod ulanmak ileri tutulýar.

# «Akmaýanyň ýolunyň» kartasy täzelendi

Ýewropa kosmos gullugy, takmynan, iki milliard obýekt baradaky maglumatlar bilen «Akmaýanyň ýolunyň» täzelenen atlasyny neşir etdi. «Gaia» orbital teleskopynyň kömegi bilen galaktikanyň üç ölçegli kartasy düzüldi. Bu teleskop diňe bir ululygyny däl, eýsem, görnüşini hem üýtgedýän ýyldyzlaryň seýsmiki işjeňligini surata düşürdi.



– Ýyldyzlaryň içki dünýäsiniň gyzykly aýratynlyklaryny ýüze çykarýan, olaryň gurluşyna has gowy düşünmäge mümkinçilik berýän haýal üýtgäp durmalary görýäris, bu geljekde teoretiki modeller bolup hyzmat eder. Bu ýyldyzlaryň fizikasyna düşünmek üçin örän möhüm ädimdir – diýip, Ýewropa kosmos gullugynyň astronomy Timo Prusti belledi.

«Gaia» teleskopy 2013-nji ýylda işe girizildi. Ýewropa kosmos gullugy bu taslamanyň çägindäki obýektleriň koordinatlaryny hasaplamagyň aýratyn takyklygyny nygtaýar. Bu häzire çenli iň jikme-jik ýyldyz atlasy bolup, biziň galaktikamyzdaky obýektleriň, takmynan, 1 göterimini göz öňünde tutýar.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1970-nji ýylyň 17-nji iýunynda amerikan alymy Edwin Lend ilkinji doly awtomatlaşdyrylan fotoenjam – «Polaroid SX 70»-e patent aldy. Iki ýyldan soň satuwa çykarylan bu fotoenjamda düşürilen surat bir minutdan soň taýýar bolýardy. Fotoenjamyň köp satylmagy netijesinde, «Polaroid»-iň paýnamasy 90 esse ýokarlanyp, ABŞ-nyň iň üstünlikli 50 kompaniýasynyň sanawyna goşuldy.**



# DÜNÝÄNIŇ TÄSIN ADALARY



**Palma Jumeýra (BAE).** Adam eli bilen döredilen bu ýarym ada Dubaýda deňiz kenarynda ýerleşýär. Bu ada 2001-2006-njy ýyllar aralygynda deňziň gömülmegi bilen gurulýar. Adanyň umumy meýdany 31 inedördül kilometre deň bolup, onuň uzynlygy 5 kilometrdir. Täsin ada ýokardan seredilende palma agajyny ýatladýar. Şonuň üçin oňa suwdaky Palma adasy hem diýilýär. Bu ada materik bilen diňe 300 metrlik köpri arkaly birleşendir.

**Gurjaklar adasy (Meksika).** Bu ada dünýäniň täsin adalarynyň biri bolup, bu ýerdäki agaçlaryň şahalary gurjaklardan doly. Adanyň ady Don Hulio tarapyndan dakylýar. Sebäbi, onuň özi bu ýerde ilkinji bolup, agaja gurjak asýar. Şondan bäri hem adadaky agaçlara gurjak asmak ýerli halk üçin däbe öwrülipdir. Soňlugy bilen bu ada jahankeşdeleriň iň köp barýan ýerleriniň birine öwrülýär. Bu ýere barýan jahankeşdeler hem agaçlary gurjak bilen bezeýärler.

**Santa Kruz (Kolumbiýa).** Bu adanyň meýdany bary-ýogy 9 müň 700 inedördül metre barabardyr. Tebigy taýdan örän arassa bolan bu adada 1200 adam ýaşaýar. Bu bolsa dünýäde ilatyň gürlügi babatda meşhur ýerleriň biri bolan Nýu-Ýorkuň Manhetten etrabyndan iki esse köpdügini aňladýar. Ini 200 metre, uzynlygy 60 metre barabar bolan adada 90 jaý (köpüsi 2-3 gatly), 2 dükan, mekdep we restoran bar. Elektrik energiýasy Gün paneli bilen işleýän generator tarapyndan üpjün edilýär. Adanyň ýaşaýjylary beýleki adalarda işleýärler. Ýaşaýjylary şeýle bir agzybir welin jaýlaryň gapysy hiç haçan gulplanmaýar.

**Diomida adalary (ABŞ we Russiýa Federasiýasy).** Bering bogazyndaky Diomida adalary iki adadan ybarat bolup, Uly Diomida adasy Russiýa Federasiýasyna, Kiçi Diomida adasy bolsa ABŞ-nyň düzümine girýär. Adalaryň arasyndaky uzaklyk bary-ýogy 3,8 kilometre deň bolsa-da, olaryň arasynda 23 sagatlyk wagt tapawudy bar. Sebäbi iki adany sagat guşaklygynyň çyzygy bölüp aýyrýar. Ýagny bu ýeri günüň başlanýan ýeri hasaplanýar. Şonuň üçin hem olary «gije adasy» we «gündiz adasy» diýip hem atlandyrýarlar.

**Wulkan nokady (Filippinler).** Bu adanyň täsin tarapy «adanyň içindäki ada» bolmagydyr. Filippinler günorta-gündogar Aziýada, Ýuwaş ummanynda jemi 7000-den gowrak adadan ybarat ýurtdur. Ýurduň demirgazygyndaky



Palma Jumeýra adasynda ýokary derejeli dynç almak üçin willalar bar.

Luzon adasyndaky Batangas welaýatynda Taal atly köl bar. Kölüň ortasynda Taal adasy bar. Oňa Taal wulkany hem diýilýär. Onuň ortasynda bolsa, kiçiräk ýene bir köl bar. Bu kölüň ortasynda-da Wulkan nokady («Vulcan Point») atly adajyk bar. Hut şu aýratynlyk syýahatçylary özüne çekýär.

**Mawrikiý adasy (Afrika).** Bu ada Afrikanyň Şaramel atly kiçijik obasynyň günorta-günbatarynda ýerleşýär. Bu adada çägelik meýdanda älemgoşaryň reňkleri ýaly 7 dürli öwüşgini görmek bolýar. Bu reňkler wulkanlaryň atylmagy netijesinde emele gelipdir. Dürli reňkde öwüsýän bu ýeriň topragynyň düzüminde demir hem-de alýumin metallary bar. Bu ýerde yzygiderli ýagýan tropiki ýagyşlar reňkleriň garyşmagyna ýa-da ýitip gitmegine asla täsir etmeýär.

**Sokotra adasy (Ýemen).** Adanyň howasy yssy we şemally bolmagy bilen tapawutlanýar. Adada ak reňkli çäge alaňlary ýel sebäpli öz şekilini yzygiderli üýtgedip durýar. Ýagny bir depäniň bir hepdeden soňra ol ýerde bolmazlygy mümkin. Wulkan hereketleriniň netijesinde dörän daglaryň beýik gerişlerindäki ümür bolsa, bu ýeri ygal bilen üpjün edýär. Netijede, adada Aziýanyň iň baý florasy emele gelipdir. Bu ýerdäki süýrenijileriň 90 göterimi endemik, ýagny diňe şu adada gabat gelýär. Şeýle hem adada dünýäniň başga ýerlerinde duş gelmeýän 300 töweregi ösümlik bar.

# KÖNE ENJAMLARDAKY GYMMATLY ELEMENTLER

Tehnologiýanyň ösen döwründe elektron enjamlaryň dürli görnüşleri öndürilýär. Uludan-kiçä her kimde diýen ýaly el telefony bar. Bulardan başga-da, oýun konsoly, týuner, telewizor, kompýuter we planşet ýaly gündelik durmuşda ulanylýan onlarça enjam bar. Önümçilik desgalarynda we beýleki iş ýerlerinde bolsa has köp ýöriteleşen enjamlar hem ulanylýar. Olaryň köpüsi elektrik energiýasy bilen işleýär. Bu enjamlaryň içinde bolsa, dürli metallardan öndürilen birnäçe geçirijiler we beýleki bölekler bar. Islendik enjamy öndürmek üçin Ýer ýüzüniň başga ýerlerinde gazylyp alynýan magdanlardan we metallardan peýdalanylýar. Bu metallar ilki gaýtadan işlenip, çig mal öndürilýär, soňra elektron enjamlaryň bölekleriniň öndürilmegi üçin dünýäniň başga ýerindäki zawoda iberilýär. Bir söz bilen aýdylanda, bir enjamyň öndürilmegi üçin onlarça desga gerek bolýar. Elektron enjamlarynyň önümçiligi üçin gerek bolan magdan känleri bolsa azalýar. Şeýle ýagdaýda olaryň başga metallardan ýasalmagy üçin iş alnyp barylýar. Mundan başga-da, ulanyş möhleti tamamlanan elektron enjamlardaky metallaryň hem gaýtadan işlenilmegine üns berilýär. Bu ýagdaý gymmaty barha artýan magdanlaryň täze çeşmesine öwrülýär. Köne enjamlaryň dürli materiallardan ýasalan bölekleriniň gaýtadan ulanylmagy daşky gurşaw üçin hem peýdaly hasaplanýar. Angliýada geçirilen barlaglaryň netijesine görä, geçen ýyl dünýäde möwritini tamamlan elektron enjamlaryň mukdary 57 million tonna ýetipdir. Soňky ýyllarda elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň önümçiliginiň artmagy batareýa üçin zerur bolan litiniň bahasynyň bäş essä golaý artmagyna getiripdir. Şeýle hem batareýa önümçiliginde ulanylýan nikeliň bahasy hem gymmatlapdyr. Bilermenler käbir metallaryň tebigatdaky gorunyň gutaryp barýandygyny belleýärler. Dürli zyňyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän zyýany hem-de çig malyň bahasynyň gymmatlamagy nazarda tutulyp, kagyz, plastmassa önümleri bilen bir hatarda köne elektron enjamlar hem ýygnalyp, çig mal hökmünde gaýtadan ulanylýar. Elektron enjamlaryň hataryna diňe mobil enjamlar däl, eýsem, uly öý hojalyk tehnikalary hem girýär. Bu enjamlaryň çem gelen ýere ýa-da zibile taşlanmagy bilen içindäki bölekler himiki täsirleşme netijesinde üýtgäp, howa, topraga we suwa zyýan ýetirip bilýär. Şol sebäpli olaryň talabalaýyk ýygnalyp, hünärmenler tarapyndan böleklere bölünmegi zerur bolup durýar. Köp ýurtda köne elektron önümleriniň ýygnalmagy şol enjamyň satylýan şahamçalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Mysal üçin, köne sowadyjyny, sowadyjy satýan dükan kabul edip alýar.



Bir smartfonda ortaça 30 dürli himiki element bolýar. Smartfony emele getirýän bölekleriň käbiri başga enjamlarda hem ulanylýar. Bu elementleriň käbiriniň gory azalyp barýar.

### HER ÝYL 2 MILLION TONNA ELEKTRON ZYŇYNDY

● Her ýyl dünýäde 2 million tonna töweregi elektron enjamyň ulanyş möhleti gutarýar. Bularyň 20 göteriminden gowragy ýygnalyp, gaýtadan işlenýär. Bilermenler ýygnalýan we gaýtadan işlenýän elektron zyňyndylaryň mukdarynyň artdyrylmalydygyny, önüm öndürijileriň has durnukly önümçilige üns berip



melidiklerini belleýärler. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde dürli enjamlaryň göwrümi kiçelýär. Bu bolsa, olaryň öndürilmegi üçin ulanylýan çig malyň görnetin azalmagyna getirýär. Mysal üçin, birnäçe ýyl ozal has uly göwrümli bolan týunerleriň häzirki görnüşleriniň ululygy el ýaly. Kompýuterler we telewizorlar hem ýyl geçdigiçe ýukalýar.

Elektron enjamlaryň tebigata ýetirýän zyýanyny azaltmak üçin bilermenler ulanyjylara diňe gerekli zady satyn almagy, bir enjamy uzak wagtlap ulanmagy we köne enjamy gaýtadan işleýän degişli edara tabşyrmagy maslahat berýärler.

### TELEFONDA NÄHILI ELEMENTLER BAR?

● Her smartfonda altyn, kümüş, platina ýaly gymmatly we tebigatda tapylyp gaýtadan işlenmegi köp zähmet talap edýän metallar bar.



Esasy mesele bu elementleri howpsuz ýagdaýda telefonlardan aýratynlykda almak. Enjamlaryň düzümindäki ujypsyz mukdardaky bu elementleriň ähmiýeti barha artýar. Sebäbi olaryň tebigatdaky gory azalyp barýar we haçanam bolsa bir gün gutarar. Bir smartfonda ortaça 0,034 gram altyn, 0,34 gram kümüş, 0,015 gram palladiý we gramyň müňden biri ýaly platina bolýar. Bulardan has arzan bolan alýuminden 25 gram we misden 15 gram bolýar. Şeýle hem telefonlarda ittriý, lantan, terbiý, neodim, gadoliniý, praseodiý ýaly has seýrek tapylýan elementler bolýar. Aslynda bu elementleriň Ýer gatlagyndaky mukdary köp bolup, olary çykaryp gaýtadan işlemek çylşyrymly bolýar. Bu bolsa onuň bahasyny artdyrýar.

Ýokarda sanalan elementleri telefonlardan almak üçin dürli prosesden geçmeli bolup, tebigatdan alanyňdan aňsat däl. Emma dünýäde elektron enjamlaryň sany günsaýyn artyp, milliard görkezijiler bilen görkezilýär.

Häzirki wagtda adamlar ortaça bir ýyla ýetmänkä täze telefon satyn alýar. Köne telefonlaryň köpüsi öýüň bir ýerine taşlanýar, soňra bolsa ýatdan çykýar. Bilermenler bir çekmede unudylan smartfonlaryň ýa-da ammaryň burçunda goýlan sowadyjynyň gaýtadan çig mal hökmünde ulanylmagynyň ykdysadyýete we daşky gurşawa uly peýda getirjekdigini belleýärler.

Maglumatlara görä, bir million telefondan 16 tonna mis, 350 kilogram kümüş, 34 kilogram altyn we 15 kilogram palladiý alyp bolýar.

## ÇAGALAR

**2021-nji ýylyň iýunynda alymlar Antarktikanyň daş-töweregini öz içine alýan deňiz gurşawyny Günorta ummany diýip atlandyrdylar.**

# GÜNORTA UMMANYNYŇ KARTASY TAÝÝARLANDY

Alymlar Antarktikanyň töweregini gurşap alýan Günorta ummanynyň düýbüni emele getirýän jülgeleriň, düzlükleriň we daglaryň kartasyny taýýarladylar. 48 million inedördül kilometr meýdany eýeleýän kartada «Factorian Deep» atly çuňlugy 7 müň 432 metr bolan çöketlik hem görkezilipdir. Bu iş ummanlaryň düýbi barada maglumatlary, deňiz gatnawy, deňiz we ummanlaryň goralmagy, şeýle hem Ýeriň kontinental we geologik taryhynyň öwrenilmegi üçin hem ähmiýetlidir. Bilermenleriň bellemeklerine görä, bu ugurda edilmeli işler entegem az däl. Ummanlaryň düýbündäki giň meýdanlar doly anyklanmady. Günorta ummanynyň Halkara Batimetrik kartasyny emele getirmek üçin bäş ýyl zähmet çekilipdir. Bu sebitiň ilkinji kartasy 2013-nji ýylda taýýar edilipdir.



Aýsbergleriň köp bölegi Antarktikanyň kenarlarynda buzuň döwlüp bölünmegi netijesinde emele gelýär.



Suwuň aşagynda buzuň golaýynda ýaşaýan suwasty jandarlar.

Taslamanyň çäklerinde gämiler we gaýyklar ýörite enjamlar arkaly ýygy-ýygydan suwuň çuňlugyny ölçäpdirler. Şeýle hem batiplandan (deňiz çuňluklaryny öwrenmek üçin suwasty kamera) peýdalanylypdyr. Kartany döretmek üçin sebit barada ozal ylmy barlaglary geçiren ýurtlardan we guramalardan hem maglumat talap edilipdir. Täze döredilen karta Günorta ummanynyň günorta tarap 50 derejä çenli bolan ähli meýdany öz içine alýar. Germaniýanyň Alfred Wegener adyndaky institutynyň ylmy işgäri, doktor Boris Dorşel kartanyň öz içine alýan meýdanynyň dokuz ýylyň dowamynda iki essä çenli köpeldilendigini belleýär. Doktor Dorşel diňe kartasy döredilen meýdanyň köpeldilmändigini, eýsem, has köp maglumatyň hem toplanandygyny belleýär.

Işiň köp böleginde Antarktikada ylmy işleri geçirýän gämilerden peýdalanylypdyr.

Bu gämiler ak materikden Çili, Günorta Afrika Respublikasy ýa-da Tazmaniýa ýaly ýerlere gideninde ýolugruna maglumat toplamak maksady bilen hem peýdalanyldy.

Kartanyň taýýarlanmagyna zerurlyk duýulmagynyň birnäçe sebäbi bar. Ilki bilen, bu maglumatlar deňizde ýük we ýolagçy gatnawy üçin ähmiýetli bolup durýar. Şeýle hem balyklaryň we beýleki deňiz jandarlarynyň goralmagy üçin hem ähmiýetlidir. Sebäbi deňziň aşagyndaky daglar ýabany suwasty durmuşy babatda baý hasaplanýar. Mundan başga-da, suwuň aşagynyň çuňlugy, beýikli-pesli ýerleri suw akymyna täsir edýär. Suwdaky akym bolsa howanyň üýtgemegine gönüden-göni täsir edýän Ýer ýüzündäki ýyly howany bir ýerden başga ýere äkidýär.

### DÜNÝÄNIŇ BÄŞINJI UMMANY

● Entek birnäçe çeşmede görkezilmeýän hem bolsa, alymlar bäşinji ummanyň bardygyny ýüze çykardylar. Mundan bir ýyl ozal Antarktikanyň daş-töweregini öz içine alýan deňiz gurşawy Günorta ummany diýlip atlandyrylypdy. Alymlar bu ýeriň hem aýratyn ummandygyny belleýärler. Sebäbi Antarktikanyň daş-töweregi aýratyn deňiz florasy we faunasy bilen tapawutlanýar. Dünýäniň ygtybarly ylmy neşirleriniň biri bolan «National Geographic» hem bu ýeri bäşinji umman hökmünde kabul edipdi. Köp ýyllaryň dowamynda Ýer ýüzünde dört umman (Hindi ummany, Ýuwaş ummany, Atlantik ummany we Demirgazyk buzly ummany) bar diýlip hasap edildi. Ylmyň ösmegi, tebigatyň has içgin öwrenilmegi netijesinde alymlar Ýeriň Günorta polýusynyň daş-töweregini hem aýratyn umman hökmünde kabul edip başladylar. Ylmy neşirde bäşinji ummanyň ekologiýa taýdan görnetin tapawutlanýandygy bellenilýär. Bu ummanyň esasy tapawudy bolsa demirgazygyndaky ummanlardan has güýçli akymynyň bolmagydyr. Günbatardan gündogara tarap akýan bu akym Antarktikanyň daşyndan aýlanýar. Bu ýeriň suwy sowuk bolup, düzüminde duzuň mukdary az. Bilermenler bu ýeriň aýratyn umman hasap edilmeginiň dünýäde howanyň özgermegine garşy göreşde peýdaly boljakdygyna ünsi çekýärler.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?



Özi açylyp-ýapylýan gapy

**ÖZI AÇYLYP-ÝAPYLÝAN GAPYLAR DIŇE BINALARDA DÄL, AWTOBUS, OTLY ÝALY JEMGYÝETÇILIK ULAGLARYNDA, DIKUÇAR ÝALY HOWA GÄMILERINDE HEM BAR.**

Häzirki wagtda ulanýan zatlarymyzyň köpüsi ylmyň we tehnikanyň köp ýyllaryň dowamynda kämilleşmegi netijesinde peýda boldy. Häzir göräýmäge aňsat ýaly bolup görünýän zatlaryň döredilmeginde köp adamyň zähmeti ýatyr. Häzirki wagtda uly binalaryň girelgelerindäki özi açylyp-ýapylýan gapylar geçen asyryň ikinji ýarymynda peýda bolýar. 1954-nji ýylda ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky Korpus Kristi şäherinde iş alyp barýan «Horton Glass Company» atly kompaniýanyň işgärleri Di Horton we Lew Hewitt güýçli ýel zerarly döwlen penjiräni çalyşýan ekenler. Şol döwürde şeýle güýçli ýel daşaryk açylyp-ýapylýan gapylara we penjirelere zeper ýetirýän eken. Gapy ýa-da aýna döwlen wagty golaýyndaky adama-da zeper ýetirýän wagty hem bolupdyr. Şol sebäpli bu iki hünärmen şemal bolan wagty döwülmejek gapyny öndürmäge girişýärler.

Ilkinji oýlap tapylan gapy kimdir biri golaýyndaky bellenen ýere basanynda açylýardy. Bu gapy diňe güýçli ýeliň açmagynyň öňüni alyp, elinde ýük bolan adamyň arkaýyn içerik girmegi ýa-da daşaryk çykmagy üçin hem ýeňillik döredipdir. Olar ilkinji awtomat gapylaryny 1960-njy ýylda satyp başlapdyrlar. Ilkinji gapy şäherdäki bir restoranda oturdylýar. Hünärmenler topary bu açyşy üçin 1964-nji ýylda patent alýarlar. Şondan soňra «Horton Automatics» atly kompaniýany döretdiler. Soňra süýşürilip açylýan penjireleri hem öndürip başlaýarlar.

Gapdala süýşürilip açylýan gapylar häzirki wagtda söwda nokatlarynda, köpçüligiň barýan binalarynda, duralgalarda giňden ulanylýar. Adamlar üçin uly ýeňillik döredýän, ýönekeý bolan bu gapylar wagtyň geçmegi bilen has-da kämilleşdirildi. Awtomat ýagdaýda açylyp-ýapylýan häzirki gapylarda oturdylan ýörite sensorlar golaýyna biriniň gelendigini duýup, gapyny açýar. Belli bir wagtdan soňra gapy ýapylýar.

Laçyn IŞANGULYÝEWA,
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B. Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

**Deňlemäniň dogry bolmagy üçin boş ýere (x), (+) ýa-da (-) amallaryny goýuň!**

3 ◯ 2 ◯ 1 = 5

7 ◯ 3 ◯ 2 = 8

2 ◯ 3 ◯ 4 = 2

6 ◯ 5 ◯ 8 = 3

**3 çöpüň ýerini üýtgedip, 3 kwadrat emele getiriň!**



**San diňi**




**Sudoku**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 3 | | 6 |
| | | | | 5 | |
| | | 6 | | | 5 |
| 3 | 2 | 5 | | 1 | 4 |
| | 3 | 4 | 5 | | |
| | | 2 | | 4 | 3 |

# Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedik Ýewropa çempionlary

Futbolyň iň uly ýaryşy Dünýä Kubogyna şu wagta çenli jemi 79 ýurduň ýygyndysy gatnaşyp, olaryň bary-ýogy 8-sine çempion bolmak başardýar. Taryhda 2-nji gezek Aziýa yklymynda geçiriljek Dünýä Kubogyna gatnaşýan 32 ýygyndy-



nyň arasynda şol çempionlaryň 7-si bar. 8-njisi, has takygy, Italiýanyň ýygyndysy bassyr ikinji gezek futbolyň iň uly baýramçylygynyň daşynda galyp, janköýerlerini gynandyrýar. Dünýäniň 4 gezek çempiony bolan Italiýa pleý-off tapgyrynda Demirgazyk Makedoniýadan asgyn gelipdi. Ýogsam Italiýanyň ýygyndysy Roberto Mançininiň tälimçiliginde bir ýyl öň Ýewropanyň çempiony hem bolupdy.



Taryha ser salanymyzda, Ýewropanyň çempionlygyny gazanan ýylyndan soň Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedik topar diňe Italiýanyň milli ýygyndysy däl. Italiýanyň ýygyndysy şeýle şowsuzlygy başdan geçiren 4-nji topardyr.

1960-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýän Ýewropa



çempionatynda 1976-njy ýylda çempion bolan şol wagtky Çehoslowakiýanyň ýygyndysyna 2 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmaýar. Yklymyň täze çempiony çehler üçin diýseň şowly geçen çempionat soň-soňlaram futbolda uly ýörelge bolup galan Panenkanyň penaltisi bilen hem ýatlanylýar. Çehler 1978-nji ýylda Argentinada geçirilen Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda Şotlandiýa we Uels bilen duşuşýar. Netijede, 4 oýnuň 2-sinde ýeňiş gazanyp, 2-sinde deňme-deň oýnan çehler Şotlandiýadan soň toparçada 2-nji orny eýeleýär we bu gezek Panenkanyň penaltisiniň tersine, şowsuz ýörelgäniň başyny başlan ýygyndy hökmünde taryha girýär.

Ýewropa çempionatyndaky çempionlykdan soň Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedik 2-nji ýygyndy Daniýanyň milli toparydyr. 1992-nji ýyldaky Ýew-



ropa çempionatyna saýlama tapgyryndan soň gatnaşyp bilmedik Daniýanyň ýygyndysy emele gelen ýagdaýlar sebäpli ýaryşdan çykarylan şol wagtky Ýugoslawiýanyň ornuna çagyrylypdy. Bu çakylyga olar taryhy, futbolda ýatdan çykmajak çempionlyk bilen jogap berýärler. Daniýanyň ýygyndysy finalda Germaniýany ýeňip, taryhyndaky ilkinji we häzirlikçe ýeke-täk çempionlygyny gazanýar. Ýöne Daniýanyň ýygyndysyna 1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen Dünýä Kubogyna gatnaşmak miýesser etmeýär. Olar saýlama tapgyrynda öz toparçasynda Ispaniýadan we Irlandiýadan soň 3-nji ýeri eýeläp, Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmän, täsin çempionlyk hekaýasynyň üstüni başga bir täsin hekaýa bilen ýetirýär.

Ýewropanyň çempionlygyny gazananyndan soň Dünýä Kubogy otlusyna münüp bilmedik 3-nji topar Gresiýanyň ýygyndysydyr. Onsuzam 2004-nji ýylda garaşylmadyk ýagdaýda Ýewropanyň çempiony bolan Gresiýanyň ýygyndysy şol çempionatda çärýek finalda Fransiýany, ýarym finalda Çehiýany, finalda bolsa ýer eýesi Portugaliýany 1–0 hasaplar bilen ýeňip, yklymyň iň uly kubogyny asmana göteripdi. Otto Rehageliň tälimçiliginde gorag futbolyna täzeçe öwüşgin girizen grekler 2006-njy ýylda Germaniýada geçirilen Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda toparçada az utuk tapawudy bilen Ukrainadyr Türkiýeden we Daniýadan soň 4-nji ýeri eýeleýär we şowsuzlaryň sanawyna adyny ýazdyrýar.



Italiýanyň ýygyndysy pandemiýa sebäpli 2020-nji ýylda däl-de 2021-nji ýylda geçirilen Ýewropa çempionatyny ýeňlişsiz çempion hökmünde tamamlapdylar. Olar Mançininiň tälimçiliginde yzly-yzyna 38 oýunda ýeňilmän, bu ugurda rekord hem goýýarlar. Ýöne geçen tomusda gazanylan yklym kubogyndan soň olara bir döw çalan ýaly. Italýanlar «Wembley»-däki çempionlykdan soň ýeňiş gazanmak olar üçin ýeňil düşmeýär. Olar öňde barýan toparçasynda soňky 5 oýunda 1 ýeňiş gazanyp, 4 gezek deňme-deň oýnaýar we Şweýsariýadan soň 2-nji orna düşýär. Şol duşuşyklarda toparyň penaltiçisi Žoržinio 2 gezek penaltini takyk urup bilmeýär. Bu bolsa agzaburna gelen ýeňşi elden gideren italýanlaryň mejbury ýagdaýda pleý-off duşuşygyny oýnamagyna sebäp bolup, kagyz ýüzünde ýeňil bäsdeş, Demirgazyk Makedoniýa bilen bije çekişýär. Ýöne şol ýeňillik diňe kagyz ýüzünde galýar. Öz meýdançasynda Demirgazyk Makedoniýadan 1–0 utulan Mançininiň şä-




girtlerine taryhy çempionlykdan bary-ýogy 9 aý soň Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmaýar. 2018-nji ýylda Russiýada geçirilen Dünýä Kubogynyň hem daşynda galan italýanlar bu taryhy ýalňyşyny yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 4-nji gezek gaýtalaýar (1930, 1958, 2018, 2022).

# Transfer täzelikleri

● Ispaniýanyň «Real Madrid» topary «Monakonyň» fransiýaly ýarymgoragçysy Orelien Tçuamenini transfer etdi. Madridliler 22 ýaşyndaky oýunçy bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Oýunçynyň transfer bahasy 100 million ýewro deň bolup, ol goşmaçalar bilen 116 million ýewro çenli çykyp biler. Täze klubunda 18-nji belgili köýnekçäni geýjek Tçuamenini «Monako» topary 2020-nji ýylda 18 million ýewro «Bordo» toparyndan transfer edipdi. Tçuameni tamamlanan möwsümde «Monakoda» 50 duşuşykda meýdança çykyp, ol 5 gezek tapawutlandy.



● Angliýanyň «Liwerpul» kluby Portugaliýanyň «Benfika» toparyndan urugwaýly hüjümçi Darwin Nunýesi düzümine goşdy. 22 ýaşyndaky oýunçy üçin «Liwerpul» kluby portugal toparyna 100 million ýewro berer (75+25). «Liwerpul» kluby ýaş hüjümçi bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy. Nunýes «Liwerpulyň» taryhyndaky iň gymmat transfer bolup, ol Wirgil Wan Deýkiň rekordyny täzeledi. «Penýarolda» futbola başlap, 2019-njy ýylda «Almeriýa» transfer bolan Nunýesi 2020-nji ýylda «Benfika» 24 million ýewro transfer edipdi. Nunýes geçen möwsümde «Benfikada» 41 oýunda 34 gol geçirdi. Ol «Premier Liganyň» iň gymmat 5-nji transferi boldy.



● «Mançester Siti» topary «Borussiýa Dortmundyň» norwegiýaly ýyldyzy Erling Holanny maý aýynda 60 million ýewro transfer edipdi. Şu hepdäniň başynda taraplar resmi ýagdaýda şertnama baglaşyp, 21 ýaşyndaky futbolçy özüni 5 ýyllap «Mançester Sitä» baglaýan ylalaşyga gol çekdi. Holannyň hepdelik 350 müň funt sterling hak aljakdygy barada iňlis metbugatynda habar berilýär. Oýunçynyň kakasy Alf-Inge Holann hem 2000–2003-nji ýyllar aralygynda «Mançester Sitiniň» köýnekçesini geýipdi. 2020-nji ýylyň ýanwarynda «RB Salsburgdan» 20 million ýewro «Borussiýa Dortmunda» geçen Holann nemes toparynda 89 oýunda 86 gol geçirdi.



● Germaniýanyň «Bawariýa» topary «Aýaksdan» 2 futbolçyny transfer etdi. Münhenliler golaýda «Aýaksyň» marokkoly goragçysy Nussair Mazrauini tölegsiz düzümine goşdy. Amsterdamlylar bilen şertnamasy tamamlanan 24 ýaşyndaky oýunçy 2026-njy ýyla çenli «Bawariýada» oýnar. «Bawariýa» topary şu hepdäniň başyna-da «Aýaksyň» başga bir futbolçysyny, niderland ýarymgoragçysy Raýan Grawenberhi 18+5 million ýewro transfer etdi. 20 ýaşyndaky oýunçy münhenliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.




● Fransiýanyň «Lion» topary ozalky ýyldyz oýunçysyny transfer etdi. Angliýanyň «Arsenal» topary bilen şertnamasy tamamlanan fransiýaly hüjümçi Aleksandre Lakazett erkin agent ýagdaýynda «Lion» bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. 31 ýaşyndaky hüjümçi 5 ýyl ozal «Liondan» «Arsenala» 46,5 million funt sterlinge transfer bolupdy. Ol «Arsenalyň» düzüminde 206 oýun geçirip, şolarda 71 goly öz adyna ýazdyrdy. Lakazett «Arsenala» gitmezinden ozal, «Lionda» 8 möwsüm çykyş edipdi (2010–2017). Lakazett «Lionyň» düzüminde 275 oýunda 129 gezek tapawutlanypdy. Ol «Lionda» 5-nji belgili köýnekçäni geýer.



## SUDOKU

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 3 | | | | 8 | | | | 4 | | | | 6 | | | | 1 | | | | 8 |
| | 4 | | | 5 | | | 1 | | | | | | 5 | | | 8 | | | 4 | |
| | | | 3 | | 4 | | | | | | | | | | 7 | | 4 | | | |
| | | 4 | | | | 8 | | | | | | | | 9 | | | | 8 | | |
| 7 | 8 | | | 3 | | | 9 | 1 | | | | 7 | 3 | | | 9 | | | 1 | 2 |
| | | 9 | | | | 5 | | | | | | | | 1 | | | | 7 | | |
| | | | 2 | | 8 | | | | | 4 | | | | | 1 | | 5 | | | |
| | 1 | | | 4 | | | | | | 1 | | | | | | 6 | | | 2 | |
| 6 | | | | 9 | | | | | 8 | | 2 | | | | | 3 | | | | 6 |
| | | | | | | | | 6 | | | | 7 | | | | | | | | |
| | | | | | | 7 | 4 | | | 9 | | | 2 | 8 | | | | | | |
| | | | | | | | | 5 | | | | 9 | | | | | | | | |
| 7 | | | | 4 | | | | | 4 | | 3 | | | | | 1 | | | | 6 |
| | 3 | | | 8 | | | | | | 2 | | | | | | 5 | | | 4 | |
| | | | 1 | | 5 | | | | | 5 | | | | | 2 | | 9 | | | |
| | | 9 | | | | 8 | | | | | | | | 8 | | | | 1 | | |
| 4 | 8 | | | 3 | | | 6 | 5 | | | | 2 | 6 | | | 9 | | | 7 | 4 |
| | | 5 | | | | 2 | | | | | | | | 3 | | | | 5 | | |
| | | | 8 | | 7 | | | | | | | | | | 6 | | 1 | | | |
| | 1 | | | 5 | | | 2 | | | | | | 7 | | | 4 | | | 2 | |
| 8 | | | | 6 | | | | 9 | | | | 5 | | | | 7 | | | | 3 |

## 7-nji SKANWORD

**Ýaran MEREDOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | Afrikada bir döwlet | | Beden agzasy | | Gyza dakylýan at / Nota | |
| Nurberdi Pommanyň bir romany | «... jigerim duzlar içinde» (Kemine) | | Öz watanyny söýýän, wepaly adam | Äşgär, mälim, açyk | | Afrikada uly çöllük | | | | | | |
| | | | | | | | Hindileriň oglana dakýan ady | | Boliwiýada bir şäher | | | |
| Remezan | Gabarasy iri bolmadyk, uly däl | | Ahal welaýatynda bir etrap | | | | | | | | Eýranda gadymy şäher | |
| | | | | | Türkiýede bir şäher | | Bir zada bakyş, garaýyş, serediş | | | | Baýtalyň bir ýaşa çenli ýaşajyk gunany | |
| | Dört çaryýarlaryň biri | | «Aýda gelsin ... gelsin» (nakyl) | | | | | «... uludan, suwkiçiden» (nakyl) | | Aýlaryň biri | | Müsüriň paýtagty |
| | | | Düýe maly | Russiýanyň düzüminde awtonom döwlet | | Goramak, goraglamak | | | | | | |
| | «Altyn ... alkyş al» (nakyl) | Ýylan (köne söz) | | | | Darak | | Gargydan we ş.m. zatlardan ýasalýan tüýdügiň bir görnüşi | | | | |
| | | | | Çölde we dagda ýaşaýan süýdemdiriji jandar | | | | | Kölege | | Türkmen itlerine dakylýan at | |
| Uly Balkanyň çür depesi | | Palçyk, lüýk | | | Oglana dakylýan at | | | | | ...-namys | | |
| | | | | | «Gyzym-gyzym gyz ..., gyzyma geler ýüz tana» (hüwdüden) | | Ne beýik, ne pes, ortaça | | Kyn däl, ýeňil | Pasyllaryň biri | | Ahy-..., zaryn ses |
| | Dag goçy | Ümlük | Himiki birleşme | | | | | Aýdyň, äşgär, mälim | | | | |
| | | | | | | Är-aýallyk gatnaşygyny düzgünleşdirmek däbi | | «Dürli zyýapatlar her şamu-...» (Seýdi) | | | | |
| | Demirgazyk Amerikada bir döwlet | | Süýt berýän gara mal, sygyr (köne söz) | | | | | Ata, öküze, düýä goşulyp ýer sürmek üçin ulanylýan gural | | | | |
| | Täze Zelandiýanyň milli tanslarynyň biri | | | | | Arap elipbiýiniň bir harpy | | | | Baglaýjy kömekçi | | |

**27-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | K | Ä | R | H | A | N | A | | | | | | | |
| | K | Ü | R | T | E | | E | | | | | | L | | P | A | L | T | A | |
| | A | | | | Ý | | R | | T | A | L | | A | | Ü | | | | S | |
| | K | | | K | E | L | T | E | | L | | A | W | A | R | A | | | S | |
| S | A | G | | E | | | | Z | | A | | R | | | | W | | N | A | R |
| O | | A | R | P | A | | A | Ý | A | K | G | A | P | | P | A | D | A | | O |
| W | | R | | E | | | | E | | A | | B | | | | Z | | L | | M |
| A | | | | K | I | B | I | T | | | | A | L | A | D | A | | | | A |
| T | U | T | | | | E | | | | | | | | R | | | | G | E | N |
| | | A | R | H | E | Ý | | | | | | | | M | A | N | T | Y | | |
| K | Ä | R | | | | I | | | | | | | | Y | | | | T | Y | G |
| Ä | | | | E | R | K | E | Ç | | | | A | R | T | Y | K | | | | U |
| T | | P | | M | | | | O | | D | | K | | | | Ü | | E | | D |
| I | | E | Ý | E | R | | A | K | B | U | R | U | K | | U | T | U | N | | U |
| P | I | L | | L | | | | U | | T | | L | | | | E | | E | R | K |
| | L | | | I | Ş | B | I | L | | A | | A | K | M | A | K | | | A | |
| | I | | | | A | | Ş | | E | R | A | | A | | D | | | | W | |
| | K | E | R | E | M | | I | | | | | | D | | A | D | A | T | Y | |
| | | | | | | | K | A | F | E | D | R | A | | | | | | | |

**28-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | | | G | A | L | K | A | N | B | U | R | U | N | | | A |
| K | I | N | O | | Ý | | B | | A | | U | | Ä | D | I | K |
| W | | | Z | | A | N | D | A | L | Y | P | | Ç | | | W |
| A | | T | A | R | P | | Y | | A | | I | D | E | G | | A |
| L | Ý | A | | | I | | | | | | Ý | | | E | Ý | R |
| A | | W | | A | S | T | | A | | K | A | K | | D | | I |
| N | | U | | R | | A | K | Ý | A | L | | O | | E | | U |
| G | Y | S | A | Ç | | Ç | | S | | A | | S | A | M | U | M |
| | Z | | | A | M | A | N | B | E | R | D | I | | | L | |
| M | A | T | A | L | | N | | E | | N | | N | A | L | Y | Ş |
| E | | A | | Y | | K | Ü | R | T | E | | U | | I | | A |
| T | | G | | K | I | A | | G | | T | A | S | | N | | D |
| B | I | T | | | M | | | | | | G | | | Z | O | E |
| U | | A | G | Y | P | | E | | E | | A | Ý | Ş | A | | S |
| G | | | R | | O | R | D | I | N | A | R | | A | | | S |
| A | S | S | A | | R | | E | | E | | A | | H | Y | W | A |
| T | | | F | O | T | O | P | L | Ý | O | N | K | A | | | N |

**29-njy krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | B | R | O | M | | | | | | G | U | L | P | | | | |
| | D | A | N | A | | | E | | | | | | A | | | O | T | A | G | |
| D | O | | | G | | | T | A | N | Y | M | A | L | | | L | | | Y | Ş |
| E | L | | | Y | S | Y | R | G | A | | O | B | A | D | A | Ş | | | Ý | A |
| R | Y | S | A | R | | Z | | A | Z | I | Z | A | | A | | Ä | B | D | A | L |
| E | | | T | | | Y | | | A | | A | | | Ş | | | I | | | G |
| J | | | E | M | I | S | S | A | R | | M | O | N | O | L | O | G | | | A |
| E | M | A | L | | | Ü | | | K | | B | | | G | | | Ü | Ç | E | M |
| | | L | Ý | A | | R | | K | E | R | I | D | | U | | A | N | A | | |
| | | L | E | Ň | K | E | B | U | T | | K | Ü | Ý | Z | E | G | Ä | R | | |
| | | E | | S | | | | T | | | | M | | | | Y | | Y | | |
| | | G | W | A | R | D | I | Ý | A | | M | E | R | K | U | R | I | Ý | | |
| | | R | E | T | | U | | A | L | T | Y | N | | O | | Y | N | A | | |
| B | L | O | K | | | Ş | | | B | | S | | | Ş | | | E | R | I | K |
| A | | | T | Ö | W | E | L | L | A | | S | E | N | E | G | A | L | | | A |
| T | | | O | | | N | | | N | | A | | | N | | | G | | | K |
| M | E | T | R | O | | B | | H | I | J | R | I | | I | | K | E | L | E | M |
| A | Ş | | | P | L | E | B | E | Ý | | A | S | Y | L | L | Y | | | Ş | A |
| N | E | | | E | | | A | T | A | | N | A | N | | | Ý | | | I | Ç |
| | K | A | I | R | | | G | | | | | | A | | | A | R | Y | K | |
| | | | | A | Z | O | T | | | | | | M | O | R | S | | | | |






Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# ILDEŞLERIMIZ IKI MEDAL GAZANDY

Meksikanyň Leon şäherinde geçirilýän agyr atletika boýunça ýaşlaryň arasyndaky Dünýä çempionaty ýokary depginde dowam edýär. Çempionata türkmen pälwanlary hem gatnaşyp, ildeşlerimiz 2 medal gazandy. Erkekleriň arasynda 55 kilograma çenli agram derejesindäki ýaryşda «Olimp» orta sport mekdebiniň 9-njy synp okuwçysy Perhat Bagtyýarow kiçi kümüş medala mynasyp boldy. Ol itekläp götermekde 125 kilogram agyrlygy galdyryp, bu ugurda 2-nji ýeri eýeledi. Ýaş pälwan birbada götermekde 97 kilogram agramy galdyrdy. Umumylykda 222 kilogram agram bilen 4-nji ýere düşen ildeşimiz 3-nji orny eýelän türgenden 2 kilogram az göterdi.



Gyzlaryň arasynda 59 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Medine Amanowa birbada götermekde 83 kilogram agramy galdyryp, kiçi bürünç medala mynasyp boldy.

# Dünýäniň iň gymmat FUTBOLÇYLARY

«CIES Football Observatory» halkara derňew merkezi dünýäniň iň gymmat 15 futbolçysynyň sanawyny mälim etdi. Bu sanaw futbolçylaryň transfer bahasy esasynda düzülip, öňdeligi PSŽ-niň fransiýaly super ýyldyzy Kilian Mbappe eýeleýär. 23 ýaşyndaky futbolçynyň bahasy 205,6 million ýewro deňdir. Sanawda 2-nji ýeri «Real Madridiň» braziliýaly ýyldyzy Winisius Junior eýeläp, onuň transfer bahasy 185,3 million ýewro möçberinde diýlip kesgitlenildi. «Mançester Sitiniň» düzümine goşan norwegiýaly ýyldyzy Erling Holann 152,6 million ýewro bilen 3-nji orunda barýar.



| | |
|---|---|
| 1 | Kilian Mbappe (PSŽ) – 205,6 million ýewro |
| 2 | Winisius Junior («Real Madrid») – 185,3 million ýewro |
| 3 | Erling Holann («Mançester Siti») – 152,6 million ýewro |
| 4 | Pedri («Barselona») – 135,1 million ýewro |
| 5 | Jud Bellingem («Borussiýa D») – 133,7 million ýewro |
| 6 | Fil Foden («Mançester Siti») – 124 million ýewro |
| 7 | Frenki de Ýong («Barselona») – 112,5 million ýewro |
| 8 | Luis Diaz («Liwerpul») – 110 million ýewro |
| 9 | Ruben Diaş («Mançester Siti») – 109,6 million ýewro |
| 10 | Ferran Torres («Barselona») – 109,5 million ýewro |

# ÝER EÝELERI FINALA ÇYKDY





**Özbegistanda dowam edýän ýaşlaryň arasyndaky futbol boýunça Aziýa Kubogynda (U23) finala çykanlar belli boldy. Ýarym final duşuşyklarynyň ikisi hem 2–0 hasabynda tamamlandy.**

**Saud Arabystanynyň ýaşlar ýygyndysy ýarym finalda Awstraliýanyň ýaşlar ýygyndysy bilen duşuşyp, 2-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Araplara ýeňiş getiren gollary Al-Eisa (20) bilen Ýahýa (72) geçirdi. Saud Arabystanynyň ýaşlar ýygyndysy 3-nji gezek finala çykyp, olar 2013-nji ýylda hem-de 2020-nji ýylda kümüş medala mynasyp bolupdy.**

**Edil şu hasap bilen tamamlanan beýleki ýarym finalda-da ýer eýeleri Özbegistanyň ýygyndysy Ýaponiýany Jaloliddinow hem-de Norçaýewiň gollary esasynda ýeňmegi başardy. Özbegistanyň ýygyndysy 2-nji gezek finalda oýnar. Olar 2018-nji ýylda Hytaýda geçirilen ýaryşyň finalynda Wýetnamy goşmaça wagtda 2-1 hasabynda ýeňip, çempionlyk gazanypdylar.**

**Ýarym finalda asgyn gelen 2 ýygyndy – Awstraliýa bilen Ýaponiýanyň ýaşlar ýygyndylary 18-nji iýunda bürünç medal ugrunda duşuşarlar. Özbegistan bilen Saud Arabystanynyň ýaşlar ýygyndylarynyň arasyndaky final bolsa 19-njy iýunda oýnalar. Iki duşuşyk hem 18:00-da başlar.**

**Çärýek finalyň netijeleri:** Awstraliýa—Türkmenistan: 1-0, Özbegistan—Yrak: 2-2 (3-2 p), Koreýa Respublikasy—Ýaponiýa: 0-3, Saud Arabystany—Wýetnam: 2-0

**Ýarym finalyň netijeleri:** Awstraliýa—Saud Arabystany: 0-2, Özbegistan—Ýaponiýa: 2-0

# Saud Arabystany

Dünýä Kubogyna tarap

**Katar 2022-ä gatnaşýan ýygyndylar hakyndaky makalalarymyzyň başyny ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy bilen başlapdyk. Ýene-de Aziýa yklymy bilen dowam edip, Kataryň goňşusy Saud Arabystany döwletiniň ýygyndysy bilen sizi gysgaça tanyşdyrýarys.**

Yklymyň öňdebaryjylaryndan hasaplanýan Saud Arabystanynyň milli ýygyndysy 6-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. Ýurduň futbol federasiýasy 1956-njy ýylda esaslandyrylýar we şol ýyl FIFA-nyň, 1972-nji ýylda-da AFK-nyň agzasy bolýar. Aslynda ýurtda klublaryň arasynda futbol ýaryşlary irräkden bäri bar bolup, milli ýygyndyny esaslandyrmak pikiri 1951-nji ýylda döreýär. Ýöne milli ýygyndy 1957-nji ýylda düzülýär.

### ILKINJI SYNANYŞYK ŞOWLY GEÇÝÄR

● Saud Arabystanynyň milli ýygyndysynyň Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrlaryndaky ilkinji çykyşy Argentina 1978-den başlanýar. Olara 1978—1990-njy ýyllar aralygynda geçirilen Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň hiç birine-de gatnaşmak miýesser etmeýär.

Saud Arabystanynyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň çäklerinde 136 oýunda 81 gezek ýeňiş gazanyp, 23 duşuşykda-da utulýar. 32 oýun deňlikde gutarýar. Topar şol oýunlarda 266 gol geçirip, 103 gol geçirdýär.



Erwe Renar

1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen çempionat Saud Arabystanynyň gatnaşan ilkinji Dünýä Kubogy bolýar. Yklymyň saýlama oýunlarynda Koreýa Respublikasy bilen final tapgyryna ýollanma alan araplar ilkinji gezek gatnaşan ýaryşynda şowly çykyş edýär. «F» toparçada Niderlandlardan 2–1 utulyp, çempionata ýeňliş bilen başlaýar. Duşuşykda ilkinji bolup hasaby açan Fuad Anwar ýygyndysynyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren futbolçy hökmünde taryha girýär. Marokkony Al-Jaber (7) hem-de Anwaryň (45) gollary esasynda 2–1 utan saudlylar 3-nji duşuşygynda-da Belgiýany Said Al-Owairanyň topy öz jerime meýdançasynyň ýanyndan alyp, öňünden çykan belgiýalyny-da aldap, derwezä gönükdiren taryhy goly bilen 1–0 ýeňýär. 1/8 finalda Şwesiýadan 3–1 asgyn gelen Saud Arabystany ilkinji ýaryşda uly yz galdyrýar. Bu çempionat olaryň iň şowly geçiren Dünýä Kubogy ýaryşy bolýar.



Said Al-Owairan

1998-nji ýylda Fransiýadaky çempionata yklymynyň adyndan gatnaşan 4 ýygyndynyň biri bolan saudlylar «C» toparçada soňky orny eýeleýär. Daniýadan 1–0, Zidanyň gyzyl kart alan duşuşygynda ýer eýeleri Fransiýadan 4–0 utulýar. Soňky duşuşygynda-da Günorta Afrika bilen 2–2 deňme-deň oýnaýar. Araplaryň gollaryny Al-Jaber (45+2 p) bilen Al-Tunaýan (74 p) derwezä girizýär.

### GOL HEM GEÇIRMEK BAŞARTMAÝAR

● Saud Arabystanynyň 3-nji synanyşygy juda şowsuz geçýär. 2002-nji ýylda Aziýa yklymynda geçirilen çempionaty gol hem geçirip bilmän tamamlaýar. «D» toparçada Germaniýadan 8–0 (ýaryşyň taryhyndaky uly hasaply ýeňlişleriň biri bolýar), Kamerundan 1–0 hem-de Irlandiýadan 3–0 utulyp, jemi 12 gol geçirdýär.



Salem Al-Dawsari

2006-njy ýylda Germaniýada geçirilen çempionat hem olar üçin şowly geçmeýär. Olar Tunis bilen Al-Kahtani hem-de Al-Jaberiň gollary esasynda 2–2 deňme-deň oýnap, çempionata deňlik bilen başlaýarlar. Ýöne soňky 2 duşuşygynda ilki Ukrainadan 4–0, soňra Ispaniýadan hem 1–0 asgyn gelýär. Saud Arabystanynyň ýygyndysy mundan soňky Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň ikisini goýbermeli bolýar. 2010-njy ýyldaky çempionatyň saýlama tapgyrynda pleý-offda Bahreýnden asgyn gelýär. 2014-nji ýyldaky çempionatyň saýlama oýunlarynda 3-nji tapgyra hem çykyp bilmeýär.

8 ýyllyk arakesmeden soň Russiýada geçirilen Dünýä Kubogyna gatnaşan Saud Arabystanynyň ýygyndysy «A» toparçada Russiýadan 5–0, Urugwaýdan hem 1–0 utulýar. 3-nji duşuşygynda-da Müsüri Al-Faraj hem-de Al-Dawsariniň gollary bilen 2–1 ýeňýär.

**Dünýä Kubogynda şu wagta çenli 16 duşuşyk geçiren araplar şolaryň 3-sinde ýeňiş gazanýar. 2 oýny deňlikde tamamlanyp, 11 duşuşykda hem utulýar. 11 gol geçiren topar 39 goly derwezesine goýberýär.**

Toparyň ilkinji tälimçisi müsürli Abdulrahman Fawzi bolup, ondan soň bu ýygynda gysga wagtlyk Ferens Puşkaş, şeýle-de dürli döwürlerde braziliýaly dünýä belli hünärmenler Mario Zagallo, Karlos Alberto Parreýra, niderlandlardan Leo Benhakker, Frank Reýkaard, Bert wan Marweýk, ispaniýaly Huan Antonio Pizzi ýaly tälimçiler tälim berýär. Düzüminde hiç hili legioner bolmadyk Saud Arabystanynyň milli ýygyndysyna 2019-njy ýyldan bäri fransiýaly belli hünärmen Zambiýany, Kot-d'Iwuary Afrikada çempion eden 53 ýaşyndaky Erwe Renar tälim berýär.

Aziýa Kubogyny 3 gezek (1984, 1988, 1996) eýelän Saud Arabystany bu ugurda Ýaponiýadan soň Eýran bilen bilelikde ikinji ýeri paýlaşýar. Saudlylaryň ýygyndysy FIFA Arap Kubogyny 2, Pars aýlagy Kubogyny hem 3 gezek eýeleýär.

Saud Arabystanynyň milli ýygyndysy ilkinji duşuşygyny 1957-nji ýylda Liwan bilen geçirýär (1–1). 2015-nji ýylda Gündogar Timory 15-0 ýeňen duşuşygy olaryň iň uly hasaply ýeňşi bolýar. 1961-nji ýylda BAE-den 13–0 utulan duşuşygy bolsa, iň uly hasaply ýeňlişi hökmünde taryha girýär.



Toparyň iň köp duşuşyk geçiren oýunçysy derwezeçi Mohamed Al-Deaýea bolup, ol 178 oýunda meýdança çykýar. Muhammed Al-Hilaiwi 163, meşhur hüjümçi Sami Al-Jaber 156 duşuşyk geçirýär.

Iň köp gol geçiren futbolçysy Majed Abdullah bolup, 116 oýunda 72 goly öz adyna ýazdyrýar. Al-Jaberiň 46, Ýasser Al-Kahtaniniň 42 goly bar.

Toparyň Katar 2022-däki iň esasy ýyldyzlary hökmünde Ýasser Al-Şahrani, toparyň kapitany Salman Al-Faraj, Salem Al-Dawsari, Abdullah Otaýf, Firas Al-Buraikan, Fahad Al-Muwallad, Saleh Al-Şehri ýaly oýunçylary görkezmek bolar.

Häzirki wagtda FIFA-nyň sanawynda 49-njy ýerde bolan Saud Arabystanynyň milli ýygyndysy Katar 2022-de «C» toparçada Argentinanyň, Meksikanyň hem-de Polşanyň milli toparlary bilen duşuşar. Toparçadan çykmak araplar üçin uly şowlulyk bolar. Ýöne köpleriň pikirine görä, olara toparçadan çykmak ýeňil düşmese gerek.

# Fransiýanyň hem-de Angliýanyň ýygyndylary ýeňişsiz barýar

UEFA Milletler Ligasynda «A» Liganyň 1-nji toparçasynda kubogyň soňky eýesi Fransiýanyň ýygyndysy 4 oýunda-da ýeňiş gazanyp bilmän aşaky orunda barýar. Fransuzlar 3-nji duşuşykda Awstriýa bilen 1-1 deňme-deň oýnap, 4-nji duşuşykda öz meýdançasynda Horwatiýanyň ýygyndysyndan Modriçiň goly esasynda 1-0 utuldy. 24 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar bolan Fransiýanyň ýygyndysy Horwatiýadan hem taryhynda birinji sapar asgyn geldi (10 oýunda 6 ýeňiş, 3 deňlik, 1 ýeňliş). Fransiýanyň ýygyndysy sentýabrda Awstriýany ýeňip bilmese, aşaky liga düşer. Daniýanyň ýygyndysy 3-nji duşuşykda Horwatiýadan utulsa-da, 4-nji oýunda Awstriýany Wind hem-de Skow Olseniň gollary bilen 2-0 ýeňip, 1-nji orunda barýar.



Fransiýa—Horwatiýa

«A» Liganyň 2-nji toparçasynda Portugaliýa ilki Çehiýany 2-0 ýeňip (Kanselo 33, Gedeş 38), soňra Şweýsariýadan 1-0 (Seferowiç 1) asgyn geldi. Ispaniýa bolsa myhmançylykda Şweýsariýany 1-0 (Sarabiýa 13) ýeňeninden soň öz meýdançasynda Çehiýany hem 2-0 (Soler 24, Sarabiýa 75) hasabynda utdy.

### 65 ÝYLDAN SOŇ 5 GOL GEÇIRTDI

● «A» Liganyň 3-nji toparçasynda 2-nji oýunlar deňlikde tamamlandy. Angliýa bilen Italiýa 0-0, Wengriýa bilenem Germaniýa 1–1 deňme-deň oýnady (Z. Nedi 6 — Hofmann 9). 4-nji duşuşyklarda bolsa geň galdyryjy netijeler hasaba alyndy. Ýewropanyň soňky çempiony Italiýa myhmançylykda Germaniýadan 5-2 asgyn geldi. Nemesleriň gollaryny Kimmih (10), Gündogan (45+4 p), Müller (51) hem-de Werner (68, 69) derwezä girizdi. Oýnuň ahyrlaryndaky Nýonto (78) we Bastoniniň (90+1) gollary italýanlary has uly tapawutly ýeňlişden halas etdi. Şeýlelikde, Italiýanyň ýygyndysy 65 ýyldan soň ilkinji gezek bir duşuşykda 5 gol geçirtdi. Olar soňky gezek 1957-nji ýylda Ýugoslawiýadan 6-1 utulypdylar. Şeýle-de, Wilfred Nýonto 18 ýaş 222 gün bilen Italiýanyň ýygyndysynda gol geçiren iň ýaş oýunçy boldy. Ozalky rekord 1958-nji ýylda tapawutlanan Bruno Nikola degişlidir (18 ýaş 259 gün).



Germaniýa—Italiýa

### IŇ ULY HASAPLY ÝEŇLIŞI

● Wengriýanyň ýygyndysy myhmançylykda Wengriýadan 4–0 utuldy. Bu duşuşykdan 10 gün öň 64 ýyldan soň ilkinji gezek Angliýany ýeňen wengerleriň adyndan Şallai (16, 70), Nad (80) hem-de Gazdag (89) tapawutlandy. Bu netije Angliýanyň ýygyndysynyň soňky 94 ýylda öz meýdançasyndaky iň uly hasaply ýeňlişi hökmünde bellenildi. Angliýanyň ýygyndysy 1928-nji ýylda Şotlandiýadan 5-1 utulypdy. Başgaça aýdylanda, Wengriýanyň ýygyndysy iňlisleri Angliýadan iň uly hasaply ýeňen britan bolmadyk ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy.

«A» Liganyň 4-nji toparçasyndaky 3-nji duşuşyklar hem edil 4-nji toparçadaky ýaly deňlikde gutardy. Niderlandlar bilen Polşanyň arasyndaky oýun 2–2 (Klaassen 51, Dumfris 54 — Keş 18, Zielinski 49) hasabynda tamamlandy. Uels bilen Belgiýanyň ýygyndylary hem 1–1 (Jonson 86 — Tilemans 51) deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. Niderlandlaryň ýygyndysy çekeleşikli geçen oýunda Uelsi soňky minutlarda 3-2 hasabynda ýeňmegi başardy. Duşuşykda ýer eýeleriniň adyndan Lang (17), Gakpo (23), Depaý (90+3), myhmanlardan Jonson (26) bilen Beýl (90+2 p) tapawutlandy.



Harri Keýn

UEFA Milletler Ligasynda «C» Liganyň 2-nji toparçasynda çykyş edýän Gresiýanyň ýygyndysy 4 duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, «B» Liga çykmagy başardy.

# Werstappeniň 25-nji ýeňşi





Formula 1 boýunça möwsümiň 8-nji bäsleşigi Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirildi. Şäheriň köçelerinde geçirilen 51 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň sürüjileri öňdäki orunlary eýelediler. 1 sagat 34 minut 05,941 sekuntda pellehanadan geçen «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Bu onuň şu möwsümdäki 5-nji, karýerasyndaky 25-nji ýeňşi boldy. Werstappenden 20,8 sekunt yza galan meksikaly topardaşy Serhio Perez ýaryşy 2-nji orunda tamamlady. Münberiň 3-nji basgançagyna bolsa şu möwsümde 3-nji gezek «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassel çykdy. Ol ýeňijiden 45,9 sekunt soň pellehana geldi. Onuň topardaşy, F1-iň 7 gezek çempiony, britaniýaly Lýuwis Hamilton 4-nji orny eýeledi. Fransiýaly Pier Gasli («Alpha Tauri»), germaniýaly Sebastian Wettel («Aston Martin»), ispaniýaly Fernando Alonso («Alpine»), awstraliýaly Daniel Rikkiardo («McLaren»), britaniýaly Lando Norris («McLaren») hem-de fransiýaly Esteban Okon («Alpine») 5-6-7-8-9-10-njy ýerleri eýeläp, Azerbaýjan «Gran Prisini» utuk bilen tamamladylar.

Ýaryşa ilkinji hatardan başlan «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler hem-de ispaniýaly topardaşy Karlos Saýns Junior ulaglarynda ýüze çykan näsazlyklar sebäpli ýaryşy tamamlap bilmediler. Lekler ýaryşyň başynda birinjiligini aldyrsa-da, soňlugy bilen, iň öňe geçmegi başardy. Ýöne birinji orna geçen dessine-de ulagynda näsazlyk emele gelip, 21-nji aýlawda ýaryşdan mejbury ýagdaýda çykdy.

Şeýlelikde, geçirilen 8 ýaryşdan soň sanawyň lideri Werstappen arany açyp başlady. Ol 150 utuk bilen 2-nji ýere beýgelen topardaşy Perezden 31 utuk öňde barýar. 3-nji orna düşen Lekleriň 116 utugy bar.

Möwsümiň 9-njy ýaryşy 19-njy iýunda Kanadada geçiriler.

# «Kolorado Ewalanş» ÖŇE SAÝLANDY



Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de final duşuşyklaryna badalga berildi. Stenli Kubogy ugrundaky finalyň birinji oýnunda 21 ýyl soň finala çykan «Kolorado Ewalanş» öz meýdançasynda soňky çempion «Tampa Beý Laýtningi» owertaýmyň netijesinde 4:3 ýeňip, umumy hasapda 1:0 öňe saýlandy. «Kolorado Ewalanş» toparyna ýeňiş getiren gollary Landeskug (8), Niçuşkin (10), Lehkonen (18) hem-de owertaýmda Burakowski (62) öz atlaryna ýazdyrdylar. 3:1-den hasaby deňlän «Tampa Beýiň» gollaryny Pol (13), Palat (33) hem-de Sergaçew (34) derwezä girizdi. Finalyň 2-nji duşuşygy 19-njy iýunda ýene-de Koloradoda oýnalar. 21–23-nji iýunda oýnaljak 3–4-nji duşuşyklar «Tampa Beýiň» meýdançasynda Floridada geçiriler.

# Awstraliýa bilen Kosta Rikanyň ýygyndylary 6-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşarlar

Katar 2022 Dünýä Kubogyna gatnaşýan 31-nji we 32-nji ýygyndylar hem belli boldy. Awstraliýanyň ýygyndysy Aziýa zolagynyň pleý-off tapgyrynda BAE bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Awstraliýa 2-1 (Irwin 53, Hrustiç 84 – Kaio 57) hasabynda ýeňiş gazanyp, yklymlar arasy pleý-offda oýnamaga hukuk gazandy. Awstraliýanyň ýygyndysy yklymlar arasy pleý-offda Günorta Amerikanyň wekili Peru döwletiniň ýygyndysy bilen özara güýç synanyşdy. Katarda oýnalan duşuşygyň esasy hem-de goşmaça wagtynda hasap açylmady. Oýundan soňky penalti urgularynda 5-4 öňe saýlanan Awstraliýanyň ýygyndysy bassyr 5-nji, umumylykda 6-njy gezek Dünýä Kubogynda çykyş etmek hukugyna eýe boldy (1974, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022). Şeýlelikde, taryhda ilkinji gezek Dünýä Kubogyna Aziýa Futbol Konfederasiýasyndan 6 ýygyndy wekilçilik eder (Katar, S. Arabystany, Koreýa Res., Ýaponiýa, Eýran, Awstraliýa). Awstraliýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda «D» toparçada Fransiýadyr Daniýanyň hem-de Tunisiň ýygyndylary bilen duşuşar.





Katar 2022 Dünýä Kubogyna gatnaşjak soňky ýygyndy Kosta Rikanyň ýygyndysy boldy. KONKAKAF-yň wekili yklymlar arasy pleý-off duşuşygynda Okeaniýanyň wekili Täze Zelandiýa bilen duşuşdy. Katarda geçirilen oýun 1-0 hasabynda Kosta Rikanyň peýdasyna tamamlandy. Demirgazyk Amerikanyň wekiline ýeňiş getiren ýeke-täk goly 3-nji minutda Joel Kampbell öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 69-njy minutynda Täze Zelandiýanyň bir oýunçysy gyzyl kart aldy. Şeýlelikde, Kosta Rikanyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda-da 6-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar (1990, 2002, 2006, 2014, 2018, 2022). Kosta Rikanyň ýygyndysy Katardaky ýaryşda «E» toparçada Ispaniýanyň, Germaniýanyň hem-de Ýaponiýanyň ýygyndylary bilen özara güýç synanyşar.

# Bir sözlemde...

- Dünýä Berdaşlylyk Ralli çempionatynyň möwsümdäki 3-nji ýaryşy bolan «24 sagat LeMan» bäsleşiginde 24 sagadyň dowamynda 380 aýlawy geçmegi başaran «Toyota Gazoo» toparynyň 8-nji belgili ulagynyň sürüjileri – Sebastian Buemi, Brendon Hartli hem-de Rýo Hirakawa ýeňiş gazanyp, geçen ýylyň çempionlaryndan, topardaşlary Maýk Konweý, Kamui Kobaýaşi hem-de Hoze Mariýa Lopez dagydan üstün çykdy.
- Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-nyň finalynda 5-nji duşuşykda öz meýdançasynda «Boston Seltiksden» 104:94 hasabynda üstün çykan «Golden Steýt Warriors» topary umumy hasapda 3:2 öňe saýlandy (4-nji duşuşykda «Golden Steýt» myhmançylykda 107:97 hasabynda ýeňipdi).
- 27-nji iýun – 10-njy iýul aralygynda Londonda geçiriljek möwsümiň 3-nji «Uly tuwulga» tennis ýaryşy bolan «Wimbledon» bäsleşiginiň umumy baýrak gaznasy 40,35 million funt sterlinge çykaryldy we bu görkeziji rekorda deňdir (ýekeleýin çempion bolanlara 2 million funt sterling berler).
- 18-nji iýunda Wengriýanyň paýtagty Budapeşt şäherinde Suw sportlary boýunça 19-njy Dünýä çempionatyna badalga berlip, 3-nji iýula çenli dowam etjek ýaryşa 190-a golaý ýurtdan 2500-den gowrak türgen gatnaşar.
- Türkiýäniň çempionaty «Süper Ligiň» wekili «Fatih Karagümrük» topary italiýaly 47 ýaşyndaky Andrea Pirlony 1 ýyllyk şertnama bilen tälimçilige belledi.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky

## Hormatly işewürler!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky Sizi hasaplaryňyzy döwrebap we ýönekeý usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän «Menzilara bank hyzmaty» ulgamyndan peýdalanmaga çagyrýar!

Bu hyzmat ulgamy Size ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly tölegleriňizi geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga we olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň we depozitleriň töleg tertibini hem görmäge mümkinçilik berer. Bulardan başga-da, Siz özbaşdak karz serişdelerine gözegçilik edip, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşyp hem-de dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirip bilersiňiz.

«Menzilara bank hyzmaty» ulgamyny birikdirmek üçin Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

Müşderiler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Menzilara bank hyzmaty» ulgamy Size pul serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**

**38-02-55, 38-02-33, 38-01-37.**

www.dayhanbank.gov.tm

**«Daýhanbank» – bankyň müşderileriniň – ynamdar hyzmatdaşydyr!**



S/B: 204122504595

**AKGAÝA** GURLUŞYK HARYTLARY

## Türkmenistandaky gurluşyk we hojalyk harytlarynyň IŇ IRI SÖWDA MERKEZLER TOPLUMY



«Ak Gaýa» Türkmenistanyň paýtagtyndaky iň uly dükanlaryň biri bolup, hojalyk we gurluşyk harytlarynyň köp görnüşini, şol sanda öz söwda bellikleri bilen elýeterli bahadan harytlary hödürleýär.

«Ak Gaýa» dükanynyň esasy ugry lomaý we bölek söwda bolup durýar.

Dükanda ýörite bölüm tarapyndan hiline gözegçilik edilýän harytlar hödürlenýär. Islendik önüm tekjelere çykarylmazdan ozal, müşderilerimizi begendirmek üçin ýörite saýlanýar.

Biz diňe bir harytlaryň hili barada däl, eýsem, bahalary barada-da alada edýäris, ýurdumyzyň bazaryndaky ýagdaýlara we isleglere yzygiderli gözegçilik edýäris. Bu bolsa, harytlaryň bahalaryny müşderilerimiziň bähbidine görä sazlamaga mümkinçilik berýär.

Alyjylaryň sany yzygiderli artýar, ýöne olaryň hersiniň öz isleglerini, mümkinçilikleriniň we zerurlyklarynyň bardygyny göz öňünde tutýarys. Şonuň üçin dükanda islendik isleg hem-de mümkinçilik üçin harytlar hödürlenýär. Olaryň arasynda biz aşakdakylary aýratyn belläp bileris:

- *Durmuş tehnikalary*
- *Ýumşak mebeller*
- *Howly üçin mebeller*
- *Çagalar üçin we ýatylýan otag mebelleri*
- *Aşhana mebelleri*
- *Sport bilen meşgullanmak üçin niýetlenen harytlar*
- *Balyk tutmak üçin niýetlenen harytlar*
- *Welosipedler*
- *Himiki serişdeler*
- *Gurluşyk materiallary*
- *Lýustralar we ýşyklandyryş enjamlary*
- *Güller*
- *Küýzeler*
- *Howly we baglar üçin harytlar*
- *Gapylar*
- *Penjireler*
- *Santehnika*
- *Sowgatlyklar*

Şeýle hem «Ak Gaýa» dükanynda harytlaryň köp görnüşi elýeterli bolup, biziň müşderilerimiz hyzmatlarymyzdan hem-de dükanyň çäginde iş alyp barýan hyzmatdaşlarymyzyň hyzmatlaryndan peýdalanyp bilerler.

- *Penjireleriň sargydy*
- *Dizaýn we taslama düzmek*
- *Gurluşyk hyzmatlary*
- *Enjamlary gurnamak*
- *Sargytlar esasynda ýörite mebelleri taýýarlamak*
- *Howlyny beton küýzeler bilen bezemek*
- *Tikinçilik*
- *Şeýle hem aragatnaşyk we kofe üçin töleg.*

Ähli müşderilerimiz üçin dükanda arzanladyş ulgamy hereket edip, wagtal-wagtal arzanlaşyklar geçirilip durulýar.

Diňe «Ak Gaýa» dükanynda ähli arzuwlaryňyzy amala aşyryp bilersiňiz hem-de arzuw eden zatlaryňyzy elýeterli bahadan satyn alyp bilersiňiz.

Dükanda satuw geňeşçilerimiz size hemişe kömek ederler, olar wagtal-wagtal okuw kurslaryny geçýärler hem-de üpjün edijilerden täze önümleri öwrenýärler.

Şeýle hem ähli töleg mümkinçiliklerimiz bar: nagt, pul geçirmek, kart arkaly.

Uly göwrümli harytlaryň eltilmegi barada alada etmäň, biz olary abat ýagdaýda we öz wagtynda size ýetireris.

+99312 **575555**
+99365 **411010**
+99312 **575757**
+99364 **664488**
+99312 **575553**

**BIZIŇ SALGYLARYMYZ:**
**Aşgabat şäheri, Terminal toplumy.**
**Aşgabat şäheriniň 2127-nji (G.Kulyýew) köçesiniň 40-njy jaýy.**
**Änew şäheriniň Ahal köçesiniň 29-njy jaýy.**

www.akgaya.com   @akgaya_store   info@akgaya.com



**BEREKET VISION**

- HIKVISION -

## Об услугах:

- Монтаж камер.
- Демонтаж камер.
- Установка домофонии.
- Установка механизмов автоматического открытия ворот.
- Подключение просмотра с телефона.
- Подключение просмотра с компьютера.
- Сервисное обслуживание: Ремонт камер, ремонт записывающих устройств, восстановление доступа к DVR/NVR, прошивка DVR/NVR и тд.




magazin.bereket-tm.com

Aşgabat şäheriniň 30-njy kiçi etrapçasynyň Magtymguly şaýoly - Gurban Durdy köçesi, 64-nji jaý.
Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy SM, 1-nji gaty, 159-njy dükan.
Parahat 7, «Bereketli» bazary, 76-njy dükan.

+993 65 550758   +993 65 855088   +993 65 802333



**DURMUŞ TEHNIKASY ÜÇIN ÄTIÝAÇLYK ŞAÝLARY DÜKANY**
**Магазин запчастей для бытовой техники**

**РЕАЛИЗУЕМ:**

.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.






**Tel.: 96 07 67**
**865 09 57 67**


## BILDIRIŞ

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň Aşgabatdaky awtoulag kärhanasynyň işgärleriniň gündelik iş tertibini awtomatlaşdyrmak we sanlylaşdyrmak boýunça, degişli ugurda iş alyp barýan edara-kärhanalaryň tekliplerine garaşýar.

Giňişleýin maglumat üçin görkezilen belgilere jaň edip bilersiňiz:

76-04-93; 76-02-56; 76-04-36.




# GADYRLY OKYJYLAR!

*«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2022-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!*

**INDEKSI 69477.**

*Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!*

